
Yunus Emre

SÖYELİM SÖYÜLELİM



YUNUS EMRE

Söyeliñ, Söyüleliñ



Ankara-2000

Terjime eden we neşire taýýarlan
Oraz Ýagmyr

Redaktor: *Ogulnabat Ýazmyrat*
Suratçy: *Çary Ýazmyrat*

ISBN: 975-7213-09-8

Baskı: Yücel Ofset Ltd. Şti. Tesisleri
(0.312) 341 95 96 - 342 31 11 - 12

ÖNSÖZ

İnsanların topluluk olmaktan kurtulup ulus oluşlarında, toprakların vatan haline gelişlerinde, kültürlerin doğuşunda ve gelişmesinde yol göstermiş ve önderlik yapmış yüce ulular bulunmaktadır.

Yunus Emre yüreğini, düşüncesini ezenlere karşı hep ezilenlerden yana koymuştur. Sevgiyi, insanlığı yüceltmiş, alçak gönüllüğü savunmuş ve insanları birliğe, dirliğe, doğruluğa ve barışa çağırmıştır.

Kendini, çevresini, çağını aşmış, küçük kaygılardan kurtulup büyük kaygılara yönelmesini bilmiştir.

Bütün kinlerin, ayrılıkların ötesinde insanlara kardeşçe seslenmiş, acıyı tatlıya, umutsuzluğu umuda, ölümü yaşama çeviren büyük ozan olmuştur.

Arapça ve Farsça'ya karşı Türk halkının dilini yüceltmiş, yüksek duygu ve düşüncelerini halkın diliyle söylemiştir.

Anadolu'nun ortasından tüm dünyaya seslenen Türkmen Yunus'la ilgili bu eseri hazırlayan, dost ve kardeş Türkmenistan'lı yazar Oraz YAĞMUR'a gönülden teşekkür ediyorum.

Bu değerli eseri okurların hizmetine sunmaktan büyük bir heyecan ve mutluluk duyuyorum.

M. İstemihan TALAY

Türkiye Cumhuriyeti Kültür Bakanı

Oraz Ýagmyr

Köňüller Ýunus Emrä mätäç

Geliň, hyýalymyzda özümizi on üçünji asyryň çuňlugyna eltip göreliň. Biziň alnymyzda daýanykly göwreli, ak kamysdan geýimli, üstünden keşdesiz don-sopylaryň geýýän sufy atylan, başyndaky sellesi gaba saralan, ak sakgaly döşüne inip ýatan bir goja mähirli bakyp dur.

- Eý, goja atam! Siz bu dünýä syrlaryna tanyşsyňyz. Bize köňlüňizden syzdyryp söhbet edeweriň - diýip, biz Ýunus Emrä ýüzlenýäris. Ol ýogyn barmaklary bilen sakgalyny daraklap, söhbete başlaýar:

Geliň, tanyş bolalyň, işi ýeňil kylalyň,
Söýeliň, söýüleliň, dünýä hiç kime galmaz.

* * *

Ýunusa Hak açdy gapy, Ýunus Haka egdi başy,
Baky döwlet meniňkidir, men gul idim, soltan oldum.

* * *

Haky jandan söýenlere jümle älem gardaş geler.

* * *

Yşk ody düşdi janyma, ÿakyp meni ÿandyrmaga,
¥edi deñiz suwy ÿetmez teşneligim gandyrmaga.

* * *

Diken bolma, gül bol eren ÿolunda,
Diken bolar bolsañ, oda ÿanarsyñ.

Garly daglaryñ başynda,
Salkym-salkym olan bulut,
Saçyñ çözüp meniñ üçin
Gizlin-gizlin aglarmysyñ.

* * *

Dürüs gazan, iÿ, iÿdir, bir köñüle girewer,
¥üz Käbeden ÿegräkdir bir köñül zyÿaraty.

* * *

Kimi dükana bakar, kimi hoşluklar söÿer,
Kimi bir pula mätäç, kimisi janbaz bile.

* * *

Nanyn iÿip, duz basmak - ol namartlar işidir,
O nan goÿmaz rahatja - duzuñ haky bar bolsa.

* * *

Ërt, eÿ, köñül, sen bir zaman, asuda, paryg, hoş ÿöri,
Gorkma, hiç dönme kimseden, gussa we gamdan boş ÿöri.

Hakykata bakar iseñ, nebsiñ saña duşman bolar,
Bar, indi ol nebsiñ bile uruş, söweş, döwüş ÿöri.

* * *

Köñül - Hudaÿyñ tagty,
Köñüle Hudaÿ bakdy.

* * *

Bir gez Haja bardyñ ise, müñ gez gaza kyldyñ ise,
Bir köñül syndyrdyñ ise, gerekse ÿüz ÿyl ÿol söki.

* * *

Köñülmi ÿeg, Käbemi ÿeg, aÿyt mańa, akly ÿeten,
Köñül ÿegdir, çünki o Hak köñülde tutar duragy.

* * *

Bir gez köñül ÿykdyñ ise,
Bu kyldygyñ namaz degil.

* * *

Eÿ, Ÿunus, Haky bilen, hergiz söÿlemez ÿalan,
Ikilik bilen gelen dogry ÿol tapdy degil.

* * *

Toprak eÿle ÿüzüññni misginlere, eÿ, Ÿunus,
Ählisinden zyÿada äriñ ykrary gerek.

* * *

Ylym -ylym bilmekdir, ylym özüñ bilmekdir
Sen özüñi bilmeseñ, bu neneñ okamakdyr?!

* * *

Hakykat bir deñizdir, şerigatdyr gämisi,
Çohlar gämiden çykyp, deñize çümmediler.

* * *

Özüñi ne saÿyrsañ, aÿrygy-da şeÿle saÿ,
Dört kitabyñ manysy budur, eger bar ise.

* * *

Bar, din-iman gerek bolsa, ÿagşy direl bu dünÿäde,
Ertir anda bitmez işiñ, bu gün munda bitmeÿinçä.

* * *

Diÿelim, diñle Karunyñ zowalyn,
Berip imanyny, bermedi malyn.

* * *

Keramatym bar diÿen, halka hileler satan,
Nebsin musulman etsin, bar bolsa keramaty.

* * *

Gözüm içinde sensiñ bile bakan,
Eger sen bakmasañ, ÿolum görünmez.

* * *

Dagnegadar beÿik bolsa, ÿol onuñ üstünden aşar,
Ÿunus Emräm ÿolsuzlara ÿol görkezer hem hoş eder.

* * *

Bir ymarat görkez maña, soñunda weÿran bolmajak,

* * *

Ymarat bolmaÿasyñ-tä harap bolmaÿynça.

* * *

Ähli ÿaradylmyşa bir göz bile bakmaÿan,
Şeriñ öwlüÿäsise, hakykatda asydyr.

* * *

Çoh söz haÿwan ÿüküdir, az söz äriñ görküdir,
Bilene bir söz ÿeter, janda göwher bar bolsa.

* * *

Eÿ, ynançsyz, gel gabryma, dost adyny aÿyt-çagyr,
Kepen donun para kylyp, topragymdan turu gelem.

* * *

Misgin Ÿunus dälidir, hem sözünden bellidir,
Aÿyplamañ, erenler, bir kemisi bar bolsa.

* * *

Biz dünÿäden gider bolduk, galanlara salam bolsun,
Biziñ üçin haÿyr doga, kylanlara salam bolsun.

Misgin Ÿunus söÿlär sözi, ganly ÿaşa doldy gözi,
Bilmeen ne bilsin bizi, bilenlere salam bolsun.

Ynha, on üjünji asyryñ owazlary.

Gadymy Rumustanyñ täze, kuwwatly, gudratly owazlary. Ozaly bilen bu belent owazy Balhdan Ruma ÿañlandyran Möwlana Jelaleddin Rumydy, yz ÿanyndan Horasandan Rumustana baran Ýunus Emredi, Hajy Bekdaşy Welidi. Bu beÿik üç şahsyñ bi jelagaÿlardan o taraplara barmagynyñ sebäplerini alymlar dürlüçe düşündirseler-de, olaryñ göç etmeginiñ esasy sebäbi - Anadoly ülkesine ÿerleşen türk-türkmenleriñ arasynda beÿik şahyryñ-alymyñ, pelsepeçi-tasawwufçynyñ ÿoklugyny duÿmaklarydyr. Bu zerurlygy iş ÿüzünde ÿerine ÿetirmek nobaty hem Jelaleddin Ruma, Ýunus Emrä we Hajy Bekdaşyñ paÿyna düşÿär.

Ýunus Emräniñ şygyrlaryny okanda, her setiriñ añyrsynda şahyryñ açyk ÿüregi nur saçÿar, päkize kalbyñ mähremligi mese-mälim duÿulÿar. Ol ÿüreginiñ gyÿyjy kiçigöwünli, ähli pelsepesini ynsan köñlüniñ töwereginde ÿerleşdirip, arynyñ bala hüjümi kimin hereket etdirÿär. Bu taÿda bir parh bar: arylar bal toplaÿarlar, şahyr welin ömürboÿy toplan pelsepesini ynsana sowgat beribilse armany ÿok. Özem bu pelsepeler şeÿle bir halky dil bilen ÿugrulypdyr welin, biz häzirki zamanda okanymyzda-ÿigriminji asyryñ ahyrynda haÿranlar galÿarys. Emma Ýunus Emräniñ öz döwründe, on üçünji asyryñ ortalarynda , on dördünji asyryñ başlarynda şahyryñ jandan syzdyryp ÿazan asyl türkmençe eserlerini okan okyjylar bagtyÿarlygyñ gujagyna dolan bolsalar gerek. Sebäbi arap dili, pars dili hökmürowanlyk edÿärkä, hatda seljuklylaryñ döwlet dili hökmünde pars dili kabul edilen zamanlarynda türkmen dilini Ýunus Emre kimin şeÿle belent derejede ulanmak gahrymançylygyñ belent derejesidir.

Şahyryñ döwürdeşi Garaman ogullary soltanlygynyñ soltanlarynyñ biri-Garaman ogly Mehmet begiñ 1277-nji ÿyldaky permanlarynyñ biri şu günlere çenli saklanypdyr. Ynha onuñ mazmuny: "Bu günden soñra, diwanda, dergahda, bergahda, mejlisde we meÿdanda türkçeden başga dil ulanylmajakdyr".

Şeýle permanyň berilmeginde Ýunus Emräniň täsiriniň uly bolmagy şol permanyň Ýunus Emrä täsiri gaty ähmiýetli bolan bolmagy mümkin ahyry.

Pelsepeçi şahyryň her setirini onuň öz döwründäki pikir ösüşi bilen, şeýle hem şu günlerdäki pikir oýaryşy bilen bilelikde kabul etsek maksada laýyk bolsa gerek. Elbetde, Ýunus Emräni deňeýjileriň arasynda ony şeýle bir häzirki zamanlaşdyryp, tas ateist, kommunist derejesine ýetiriberenlerem bar.

Ýunus Emre hiç bir gyşarnyksyz yslamy dünýäniň şahyry, pelsepeçisi, sufistidir. Oňa şol nukdaý nazardan çemeleşmek gerek. Ýöne pikir çuňluklarynyň täze-täze gatlaklara aralaşmaga itergi berýändigini unutmalyň. Ylmyň şu günki ýeten derejesinde pikir öwürýän okyjy Ýunus Emräniň setirlerinden has köp baýlyk-hazyna tapasy gelýär. Bu şeýle-de bolmaly.

Mysal üçin, "Janlar janyny tapdym" diýip başlanýan goşguda: Men menligimden geçdim, Gözüň perdesin açdym. diýlen setirde ýuka dünýä, başga dünýä, biziň görmeýän dünýämiz hakda aýdýar. Biz diňe görýän zatlarymyza ynanmaga endik edipdiris, emma biziň görmäge heniz kuwwatymyz ýetmeýän, akyl ýetirmäge heniz ir bolan näçe syrlar bardyr. Özüni görkezmän bilýän, ýanynda durka-da howa kimin görünmeýän tibet monahlary hakynda gazetleriň köp ýazandyklaryny birje mysal hökmünde ýatladasym gelýär. Görmeýäniňi görmäge, bilmeýäniňi bilmäge, mydama hereketde-gözlegde bolmaga dyzamak üçin gözüň perdesini açmak zerur. Ana, şonda maksadyňa ýetersiň. Has beýik ideallar tapmak hakda gürrüň barýar. Zat-mal arzuw etseň, derrew ýetersiň, onsoň ony köpeltjek bolup, gorajak bolup garawula dönersiň, onuň aňyrsy ýok. Özüňi, töweregiňdäkileri kösäniň galar.

Ýene bir şygrynda:

Men bu jahana gelmezden, soltan-y jahanda idim,
Sözi gerçek, hökmi rowan, ol hökmi soltanda idim.

diÿÿär. Bu setirlerde çuññur bir pelsepe bar: Bu ÿaşaÿan dünÿämiz täze dünÿä däl. Mundan hiç zat gidenok, muña hiç zat goşulanok.

Bu şeÿle bir görnüşini üÿtgedibilÿän, özüni gizläbilÿän dünÿä.

Dünÿäni dogry duÿmakda iş bar. Diñe akyl bilen ÿeten menziliñ uzak bolmaz, uzak bolsa-da dogry bolmaz. Käşgä, akyla mydama dürs duÿgular hemra bolsady, ana, şonda aklyñ örüsine göz ÿetmezdi.

Şükür gördüm didaryny, içdim wysalyñ ÿaryny, Bu menlik-senlik şähriniñ merkini berer ÿörerin.

diÿen setirlerde näme syr barka? Ikilemäniñ ikinji setirine çuñ düşünmek zeruryeti bar. Eÿsem, menlik-senlik näme? Agzalalygyñ çeşmesi. Taryhda şu sebäpli näçe ynsanlar şehit öldüler, näçe ynsanlar dogduk mekanyny taşlap, ölüme barabar aÿralyga uçradylar, köñüller dilim-dilim dilindi. Şeÿle agzalalygyñ çeşmesi nämelerden ybaratka? Millet aÿyrmak, jyns-deri reñkini aÿyrmak, dini aÿyrmak, baÿ-garyp diÿip aÿyrmak, ÿurt aÿyrmak, özüñi ilden aÿyrmak - bularyñ ähli umumyadamzat tebigatyna ters gelÿän häsiÿetlerdir. Muña baryp, on üçünji asyrda beÿik Ÿunus Emre anyk göz ÿetiripdir. Şahyryñ şahyrlyk hem pelsepeçilik kuwwatynyñ ne derejededigini onsoñ oÿlanyberiñ.

Ol: "Dirikäñiz aÿak astyna düşmäñ, öleniñizden soñ aÿak astynda, toprak astynda ÿatmaly bolarsyñyz" diÿen pikiri berÿär.

Ynsanlyk mertebäñizi ynsan derejesinde saklamagy ündeÿär.

Ÿort, eÿ, köñül, sen bir zaman, asuda, paryg, hoş ÿöri,
Gorkma, hiç dönme kimseden, gussa we gamdan boş ÿöri.

Ynsanyñ belent derejä ÿetmesi üçin geçmeli ÿollaryny, basmaly basgançaklaryny sanaÿar. Emma syrly sanaÿar. Öz höregiñi özüñ çeÿnäp ÿuwutmagyñy isleÿär.

Gury idik, ÿaş olduk, Aÿak idik, baş olduk, Ganatlandyk, guş olduk, Uçduk alhamdülylla.

Nädip gurylykdan janla, ÿaşa öwrülmeli? Nädip, aÿakda galan halyña başdaka geçmeli? Guş bolmak üçin ganaty nireden tapmaly? Aslynda, ynsanyñ uçmagy üçin ganat bir gerekmikä? Adam o guşlardan başgaça uçÿan bolaÿmasyn?! Ynha, biz Ÿunus Emräniñ ÿene bir belentligine göz ÿetirdik: Ol öz eserleri arkaly seni oÿarÿar, seni sorag bermäge iterÿär. Elbetde, sorag ÿüze çykansoñ, jogap tapmaga dyrjaşÿañ. Şeÿdip, sapak-uç tapylÿar, çöşlene-çöşlene syryñ jogabynyñ üstünden barylÿar.

Ÿunusyñ ÿüreginiñ ne derejede açyklygyny, ne derejede ÿumşaklygyny, ne derejede paÿhaslydygyny duÿmak üçin onuñ iki setirine ünsi çekesim gelÿär. Şahyryñ "Meniñ munda kararym ÿok, men mundan gitmäge geldim" diÿip başlanÿan şygrynda şeÿle setirler bar: Men gelmedim dawa üçin, meniñ işim söÿgi üçin, Dostuñ orny könüllerdir, könüller almaga geldim.

Dünÿäniñ içki, gizlin hasaplaryna dogry düşünÿän Ÿunus Emre ynsan könlüne uly ähmiÿet berÿär. Beÿik Allanyñ alnynda günäkär bolmajak bolsañ, könül ÿykmazlygy salgy berÿär. Bu Alla barÿan ÿoluñ iñ ähmiÿetlisidir. Ynsan şonda öz beÿikligine, özüne berlen gudrata gowy göz ÿetirÿär. Eger şol ÿoly bozman gidip bolsa, onda adam üçin gorkunç hiç zat ÿok, ölüm-de adaty bir zada öwrülÿär.

Ezraÿyl ne kişidir ki - kast ede bilmez janyma, Men onuñ kastyny ÿene özüne zyndan eÿlärem.

Çünki, Ezraÿylyñ özi hem ömri Alladan alÿar.

Ÿa-da: Hakky jandan söÿenlere jümle älem gardaş geler.

Ynsanlara ynsan kibi bakmak, boş ÿere öÿkeläp, ÿamanlyk gözläp ÿörmezlik, duşman gözländen dost gözlemegiñ bähbidini duÿmak, özüñi hem mydama dost-gardaş halynda saklamak zerur. Ynsanlary, ösümlikleri, jandarlary-jümle älemi söÿmek, şeÿle hem olaryñ seni söÿmegini gazanmak-ynha ideallaryñ bir basgançagy.

Allany söÿÿän bolsañ, ozaly bilen, şol jümle älemi söÿ.

Söÿgi, yşk hakynḍaky meselä gelenimiz üçin, şu taÿda

Ýunusyň şygyrlarynyň özboluşly bir aýratynlygy hakda aýtmak gerek. Bu sufistik äheňli şygyrlaryň köpüsinde duşýan hem bolsa, Ýunus Emrede has parhlydyr. Bir görmäge başdan-aýaga çenli sap yşk şygry hökmünde kabul edilip bilinjek gözel eserleri bar. Dogrudan-da olar yşk hakda, emma gözel gyz hakda däl-de, gözel Alla hakdadyr.

Şeýle şygyrlara juwan okyjy özüçe düşüner, akly goýalanlar özüçe.

Ahyrda utuş gazanjak ýene Ýunus Emredir. "Men ýörürem ýana-ýana, yşk boýady meni gana" diýip başlaýan şygry mysal almak bolar. Belki, bu şygryň şeýle meşhurlyk almagynda, saza goşulyp aýdylmagynda munuň roly uly bolsa gerek. Beletleriň aýtmagyna görä, o aýdymlar-ylahylar bäş ýüz-alty ýüz ýyl bäri dilden düşmän gelýär.

Bentleriň arasy hem: "Alla-hu, Alla-a. A-alla-hu-u Alla" diýen owaz bilen seplenýär.

Gäh öserim ýeller kibi, gäh tozarym ýollar kibi, Gäh akarym siller kibi, gel, gör, meni yşk neýledi.

Edil şu gün ýazylan ýaly ter-täze hem-de pikir taýdan tämiz, owaz taýdan akgynly şygyr.

Ýunus geçirimli, ol sabyrly, onda tükenmez-egsilmez umytlar bar.

Ynsana, ýaşaýşa söýgüsi jemlenip, Alla ýoluna wepadarlyga, Hudaýa aşyklyga öwrülýär.

Ýunusyň yşky her neneň güýçli bolsa-da, o yşk onuň gözüni gapmaýar, gaýta, has ýiti görmäge, durmuşdaky nogsanlyklara-da göz ýumman geçmäge ýol görkezýär.

Ýunus durmuşy açyk görkezýär. Ýaşaýşy bolşy ýaly ýazmak - her bir şahyryň, ýazyjynyň ynsanlyk borjy. Eýsem, şahyrlyk-ýazyjylyk namysy şunuň bilen kesgitlenmeýärmi, näme?! Köşge, patyşalara hyzmat eden şahyrlar şol patyşanyň tagtdan düşmegi bilen ölüp, sahnadan düşüp gidýärler.

Ýunus özüni geldi-geçerlige däl-de millete, hakykata, Alla bagyşlapdyr.

Egriler egri bile, dogrular dogry bile, Ýalan ýalany söýer, gammazlar gammaz bile.

diýmek bilen, Ýunus Emre dünýäniň gurluşynyň uly bir kanunalaýyklygyny okyja ýatladýar. Dünýä poloţitel we otrisatel energiýadan, zarýaddan, duýgulardan, pikirlerden ybarat. Bu agaçlarda-da şeýle: miwe berýän agaç bar, miwesizi bar, kislorod berýäni-de bar, kislorod iýýäni-de. Bu haýwanlarda-da şeýle: wagşylary bar, wagşy dälleri bar. "Guş bar-etin iýmeli, guş bar - et iýdirmeli".

Ynsan hem şo tertipde. Ýöne beýlekilerden tapawutlylykda, onda tarap, polýus birleşdirilen görnüşde, üstesine-de ol özüniň haýsy tarapda durýandygyny dili bilen gizlemäge mümkinçiligi bar. Haçan, nirede, neneňsi polýus ulanjagyny bir onuň özi bilýär, kä halatda ony bilmän hem galýar. Netijede, adamlaryň poloţitel polýusyň tarapyndamy ýa-da otrisatel polýusyň tarapyndamy - haýsysynda köp hereket edýändigine görä, olara gowy adam ýa-da ýaman adam diýip il nyrh kesýär. Gowy adamlar gowular bilen birleşmäge, bir frontda çykyş etmäge haýal deprengiç bolýar. Emma ýaman adamlar bir-biregi tiz tanaýar, tiz birleşýär, tiz bile hereket etmäge başlaýarlar.

dünýäniň esasy howpy hem hut şundadyr. Inçe duýguly şahyr muňa ünsi çekýär, ýagşylygyň ýeňşini maksat edinip hereket edýär.

Bu beýik pelsepeçiniň "Alla nalyş" diýlip atlandyrylan şygryna aýratyn üns bermegiňizi haýyş edýärin. Bu dünýä, adamzat hakda pikir edýän her bir ynsanda döreýän duýgulary şahyr ussatlarça açyp berýär. Ol dogup, ölüp durmakda näme many barlygyny bilesi gelýär. Synagmy? Emma synagyň, terezиniň nämä geregi bar? Gyl kimin syrat köprüsini gurmak nämä gerek? Gyl kibi syratdan Adammy geçer, Ýa üzüler, ýa ol taýar, ýa uçar.

Paýhasly Ýunus Alla syryna ýetjek bolup jan edýär.

Ýunus Emräniň bu tipli şygyrlarynyň, umuman, şahyryň

bütewi döredijiliginiñ Magtymguly Pyraga köp täsir edenligi bellidir.

Ýunus Emre Magtymgulynyñ beýik halypalarynyñ biridir. Onuñ ady şahyryñ eserlerinde agzalmasa-da, Magtymgulynyñ Ýunusdan köp zatlar öwrenenligini olaryñ bir-birine meñzeş şygyrlaryndan-da, meñzeş kapyýalaryndan-da görmek bolýar. Ýunus Emre we Magtymguly hakda deñeşdirme usulynda ylmy makalalar ýazýan alymlaryñ arasynda türkiýeli professor, ylymlaryñ doktory Abdyrahman Gözel, öz alymymyz A.Mülkamanow köp işler etdiler. Ýeri gelende aýtsak, bu täsirlenmeler, bu meñzeşlikler süfistik şahyrlaryñ köpüsinde bar.

Şeýle bolansoñ, Döwletmämmet Azadydan hem Ýunus Emre bilen bir pikirdäki setirlerini tapyp bileris.

Ýunus Emre: Ýunus Emre diýr, hoja, Gerekse bar müñ haja, ählisinden ýagşyja - Bir köñüle girmekdir.

Döwletmämmet Azady: Käbe weýran etmeden müñ mertebe Bir köñül ýykmak ýamandyr, eý, dede.

Magtymguly-Pyragy: Bir ajy doýurmak haçdyr, ýaranlar.

Bu kitabyñ sap ylmy maksady bolman, Ýunusy halka tanatmak, Ýunusyñ pikirlerine okyjyny ysnyşdyrmak niýeti bilen taýýarlanandygyny aýdyp geçmelidiris.

Şahyryñ ömri hakynda köp maglumat galmadyk bolsa-da, bar bolan maglumatlardan okyja ýetiresimiz gelýär. Bu maglumatlar ylymlaryñ doktory, professor Abdyrahman Gözeliñ "Mutasawwyf Ýunus Emre. Durmuşy, eserleri. (Ankara. 1991 ý.) diýen kitabyndan hem-de Sydky Soýlynyñ "Ýunus Emre" (Garaman, 1965 ý.) diýen kitabyndan alyndy.

Ýunus Emre takmyn 1240-41-nji ýyllarda Horasanda dünýä inipdir.

Möwlana Jelaleddin Rumy, Hajy Bekdaşy Weli ýaly beýik adamlar bilen zamandaş ýaşapdyr. Ol eserlerinde Hajy Bekdaşy Welini ýatlamasa-da Möwlana Jelaleddin Rumyny hoşluk bilen agzap geçýär.

Ýunus Emräniñ häzire çenli iki kitaby bellidir: "Rysaletün

Nushiÿe" we "Diwan". Birinji ady agzalan kitap ylmy-didaktiki eserdir.

Ikinji kitap bolsa sufistik şygyrlardan düzülendir. Akyl dessany lakamyny alan "Rysaletün Nushiÿe" atly kitaby Ÿunusyñ eli bilen ÿazylandyr hasap edilÿär. Onuñ ÿazylan wagty 1307-1308-nji ÿyllardyr. Bu golÿazma şahyryñ eserleriniñ häzirki wagtdaky iñ gadymy golÿazmasy hasaplanÿar. 1320-21-nji ÿylda Ÿunus Emre bu dünÿäden gidipdir. Onuñ nirelerde ÿaşanlygy, aradan çykanlygy hakda jedelli meseleler köp. Häzirki Eskişäherdäki mazaryna zyÿarat edilÿär.

Bize gelip ÿeten eserlerinden çak edilse, Ÿunus Emre öz döwrüniñ iñ ylymly adamlaryndan, iñ meşhur şahyrlaryndan bolandygy belli bolÿar. Onuñ Tapdyk Emre diÿen halypasy-şeÿhi bolupdyr. Ÿunusyñ özi dirikä eserleriniñ uly şöhrata eedigini hem-de gelejekde-de hümmetiniñ gaçmajagyny şahyryñ köñli syzypdyr. Şoña görä sypaÿylygy elden bermezden bu hakykaty aÿdyp goÿberÿär: Ÿunus, seniñ sözleriñ manydyr bilenlere, Söÿlenişer sözleriñ döwri zaman içinde.

Ÿunus Emrä Alladan rehmetler dilemek bilen hem-de "Ÿene ÿaz günleri geldi" diÿip başlanÿan şygryndan bir bendi getirmek bilen söhbeti tamamlaÿarys.

Gyş çykyjak, geldi bahar,
Janyñy gaflatdan oÿar,
Jennete döndi her diÿar,
Söÿle, bilbiljigim, söÿle.

Gel, gör meni yşk neÿledi

Men ÿörürem ÿana-ÿana,
Yşk boÿady meni gana,
Ne akylam, ne diwana,
Gel, gör, meni yşk neÿledi.

Gäh öserim ÿeller kibi,
Gäh tozarym ÿollar kibi,
Gäh akarym siller kibi,
Gel, gör, meni yşk neÿledi.

Akar suw kibi çaglarym,
Dertli jigerim daglarym,
Şeÿhim diÿibän aglarym,
Gel, gör, meni yşk neÿledi.

Elimden tut galdyr meni,
¥a waslyña ÿetir meni,
Çoh agladym, güldür meni,
Gel, gör, meni yşk neÿledi.

Men ÿörürem ilden-ile,
Şeÿh sorarym dilden-dile,
¥at ilde halym kim bile,
Gel, gör, meni yşk neÿledi.

Mejnun oluban ÿörürem,
Ol ÿary düÿşde görürem,
Oÿanyp melul oluram,
Gel, gör, meni yşk neÿledi.

Misgin Ÿunus biçäreem,
Başdan aÿaga ÿaraÿam,
Dost elinden awaraÿam,
Gel, gör, meni yşk neÿledi.



Maña sen gerek, ÿalñyz sen

Yşkyñ aldy menden meni,
Maña sen gerek, ÿalñyz sen.
Men ÿanaram gije-gündiz,
Maña sen gerek, ÿalñyz sen.

Ne barlyga söÿünerèm,
Ne ÿokluga gynanaram,
Yşkyñ ile awunaram,
Maña sen gerek, ÿalñyz sen.

Yşkyñ aşyklar öldürir,
Yşk deñzine düşürir,
Alla nuruna dolduryr
Maña sen gerek, ÿalñyz sen.

Yşkyñ zynjyryny üzem,
Däli olam, daga düşem,
Sen gije-gündiz endişäm,
Maña sen gerek, ÿalñyz sen.

Eger meni öldürseler,
Külüm göge sowursalar,
Topragym anda çagyra:
Maña sen gerek, ÿalñyz sen.

Sopylara söhbet gerek,
Ahylara ahret gerek,
Mejnunlara Leÿla gerek,
Maña sen gerek, ÿalñyz sen.

Ne dowzahda ÿer eÿledim,
Ne uçmahda köşk bagladym,
Seniñ üçin çoh agladym,
Maña sen gerek, ÿalñyz sen.

Jennet-jennet diÿdikleri,
Bir öÿ bile, ençe hüÿri,
Isteene ber anlary,
Maña sen gerek, ÿalñyz sen.

Ÿusup eger hyÿalyny,
Düÿşde göreÿdi bir gije,
Terk edeÿdi mülklerini
Maña sen gerek, ÿalñyz sen.

Ÿunus, çagyr her gün adym,
Geçdigiçe arda odum,
Iki jahanda maksadym,
Maña sen gerek, ÿalñyz sen.

Şeÿle garyp meniñ kibi

Hi-de şu ÿerde barmydyr şeÿle garyp meniñ kibi,
Bagry başly, gözi ÿaşly, şeÿle garyp meniñ kibi.

Gezerim Rum bile Şamy, Ÿokary Illeri hamu[1],
Çoh istedim, hiç tapmadym şeÿle garyp meniñ kibi.

Hiç kimler garyp olmasyn, hasrat oduna ÿanmasyn,
Hojam, hiç kimler olmasyn şeÿle garyp meniñ kibi.

Söÿlär dilim, aglar gözüm, garyplara ÿanar özüm,
Meger ki gökde ÿyldyzym şeÿle garyp meniñ kibi.

Nije bu dert bile ÿanam, ajal ÿeter, bir gün ölem,
Meger ki gabrymda tapam şeÿle garyp meniñ kibi.

Bir garyp ölmüş diÿerler, üç günden soñra duÿarlar,
Sowuk suw bilen ÿuwarlar, şeÿle garyp meniñ kibi.

Heÿ, Emräm Ÿunus biçäre, tapylmaz derdime çäre,
Bar imdi gez ilden ile şeÿle garyp meniñ kibi.

[1] Hamu, kamu - hemmesi, ähli.

Teşneligim gandyrmaga

Yşk ody düşdi janyma, ÿakyp meni ÿandyrmaga,
Ÿedi deñiz suwy ÿetmez teşneligim gandyrmaga.

Ÿedi deñiz suwy näder, suwsamyş aşyk janyna,
Şeÿhim ÿüzi gerek maña, gördükçe baş indirmäge.

Şeÿhim görem, baş indirem, el gowşuram, garşy duram,
Özümi alyp-toplaÿyp dost iline göndermäge.

Dost urdy ÿürege ÿara, ÿaram bitmese ne çäre,
Şu köñlüm düşdügi ÿere elim ÿetmez döndürmäge.

Döndürür äriñ nepesi, ÿetejek biz Tañry hasa,
Sylar köñüllerden posy, ÿerine nur doldurmaga.

Hem elim alyp galdyrar, şat edibänäni güldürer,
Köñlüme rehmet doldurar Haky bildirmäge.

Yunus, goÿ ÿalan dawaÿy, unut Alladan başgaÿy,
Köñlüñ öÿüni gyz eÿle, dost gelejek beslemäge.

Mahrum etme didaryñdan

Açdym saña ellerimi,
Mahrum etme didaryñdan.
Heÿ, Allahym, gullaryñy
Mahrum etme didaryñdan.

Düÿn-u bu gün pikrim meniñ,
Çohdur saña şükrüm meniñ,
Gije-gündiz zikrim meniñ,
Mahrum etme didaryñdan.

Gidir bu menligi menden,
Dileglerim çohdur senden,
Aÿry sözüm ÿokdur mundan,
Mahrum etme didaryñdan.

Syrat köprüsinden uçup,
Jähennem oduna ÿakyp,
Ÿüzm garasyna bakyp,
Mahrum etme didaryñdan.

Misgin Ÿunus söÿlär sözi,
Ganly ÿaşa dolar gözi,
Rehmetden aÿyrma bizi,
Mahrum etme didaryñdan.

Jan içinde janmysyñ

Munça köñüller alan jahana soltanmysyñ,
Hökmüñ janlar içinde jan içinde janmysyñ,

Nazaryñy müñ jan alar, derdiñ ÿürekde galar,
Gören özünden gider, aşyga gyÿanmysyñ.

Uçan guşlar uçuşar, ösen ÿel görse durur,
Döwler hökmüñe girer, Bulkys-Süleÿmanmysyñ.

Ÿüzünden gün tutular, aÿ dogmaga utanar,
Gören haÿbata galar, Ÿusuby Kenganmysyñ.

Öli görse direler, kalbyna janlar geler,
Toprakdan owaz geler: Isa bin-Merÿemmisiñ.

Yşkyñ diñe joş eÿlär arslana zynjyr zynjyr eÿlär,
Gaty daşy mum eÿlär, Ferhady zamanmysyñ.

Yşkyñ Hakga ulaşdyr, jan gözi didar görer,
Görenler baş indirer, Ybrahym Edhemmisiñ.

Ÿüzüñ didar nurudyr, saçyñ Magraç tünüdir,
Gören janyn unudyr, Fahry älem senmisiñ.

Ÿunus, söÿdügiñ gözle, Hak ÿoluny keÿ yzla,
Syrky köñüldesiñ sen, o söze beÿanmysyñ.

Ardyma atan menem

Bu jümle erkany goÿup, birlik ÿolun tutan menem,
Hyrs-u tama menden yrak, hem ardyma atan menem.

Bakan menem, gören menem, alan menem, beren menem,
Ne Jebraÿyl, ne Mikaÿyl, Ysrafyly kylan menem.

¥edinji gat ÿerlerde men, sekizinji gat göklerde men,
Bu söÿlenen dillerde men, hökmi tamam kylan menem.

Emr bile bulut oÿnadan, ÿerde bereket gaÿnadan,
Elimde gudrat susagy, halka ryzkyn beren menem.

Bir karara tutdum karar, meniñ syryma kim ÿeter,
Jahyl meni kanda görür, köñüllere giren menem.

Çagyram hümmet leşgerin, direler dost işiginde,
Arş öñünde aklym bilen hyzmat kylyp duran menem.

Gök ÿüzünde perişdeler, ¥unus, ne maksatly bular,
Dek durmasa perişdeler, arşa taÿak uran menem.

Däli oldumydy ¥unus, yşkdyr mana ÿol görkezen,
Hezrete çenli ÿalñyz, ÿüzin gidiberen menem.

Dükanym talañ bolsun

Janlar janyny tapdym,
Bu janym talañ bolsun.
Peÿda-zyÿandan geçdim,
Dükanym talañ bolsun.

Men menligimden geçdim,
Gözüñ perdesin açdym,
Dost waslyna ulaşdym,
Gümanym talañ bolsun.

Menden menligim gitdi,
Ähli mülküm dost tutdy,
Lamekan kowmy oldum,
Mekanym talañ bolsun.

Ikilikden bezikdim,
Yşk donuna dolandym,
Derdi dünÿä ynandym,
Dermanym talañ bolsun.

Çün barlyk sapar kyldy,
Andan dost bize geldi,
Weÿran köñle nur doldy,
Jahanym talañ bolsun.

Geçdim bitmez sarynçdan,
Bez oldum ÿaz-u gyşdan
Bostanlar başyn tapdym,
Bostanym talañ bolsun.

Bom-boşlukdan bezikdim,
Ol dosta baka uçdum,
Yşk diwanyna düşdüm,
Diwanym talañ bolsun.

Ýunus, ne hoş diÿmişsiñ,
Bal-u şeker iÿmişsiñ,
Ballar balyny tapdym,
Baldanym talañ bolsun.

Ol hökmi soltanda idim

Men bu jahana gelmezden, soltan-y jahanda idim,
Sözi gerçek, hökmi rowan ol hökmi soltanda idim.

Halaÿyk munda gelmezden,
gökler melekden dolmazdan,
Bu mülke bünÿad olmazdan, mülki ÿaradanda idim.

¥üz müñ ÿigrimi dört müñ hasy,
dört ÿüz kyrk dört gatlagy,
Döwlet makamynda ol gün uly saÿwanda idim.

Gussa meni görmez idi, gaÿgy eli ÿetmez idi,
Endişe şähriden daşda, bir beÿik mekanda idim.

¥unus bu jümle barlygyñ dost ÿanynda zerre degil,
Söz bile kelamda idim, hem munda, hem anda idim.



Ýeri-gögi tutan menem

Owwal-gadym, öňden-soňa zowaly ýok soltan menem,
Ýedi yklyma hökm edip, ýeri-gögi tutan menem.

Men bu ýeri ýaradyjak, ýer üstüne gök duryjak,
Uly deňiz möwç uryjak, Nuha tupan beren menem.

Kün diýdim, bu ýere durdy, gökler dahy karar kyldy,
Ýüz müň dürli Adam geldi, getirip-gideren menem.

Ýusup bile guýa inen, terezi'ye altyn uran,
Bir ýanyna basa duran Müsür şanly soltan menem.

Sufy bile sufy olan, sopy bilen sopy olan,
Bil baglaýyp, tagat kylan, ol Kerim-u Rahman menem.

Kapdan-Kapa hökm eýleen, döwleri hökmüne goýan,
Ýele münüp seýran kylan, bu mülke Süleýman menem.

Et-u deri endam çatan, älemlere köňül gatan,
Adam donun dolanyban mülke gadam basan menem.

Sekiz uçmah aşyklara, köşg-u saraýdyr onlara,
Musa kibi Tur dagynda haýran olup galan menem.

Men abidem, men mabudam, ähli ýerlerde häzirem,
Zalymlardan dad alyjy, misginleri tutan menem,

Tapdyk diýem jümle dile, ynanmyşam seçme gula,
Ýunus dahy özi kimdir, bu sözleri diýen menem.

Muhammet dogan gijesi

Älemler nura gark oldy, Muhammet dogan gijesi.
Mömin, mynafyk parh oldy, Muhammet dogan gijesi.

Arşyñ nury ÿere indi, suwuñ reñki nura döndi,
Ählı teşne suwdan gandy, Muhammet dogan gijesi.

Enäniñ rähmine düşdi, küffarlaryñ akly çaşdy,
Müñ kilisel. toprak oldy, Muhammet dogan gijesi.

Ÿerden göge nur atyldy, ÿediler kyrka gatyldy,
Keşişler dili tutuldy, Muhammet dogan gijesi.

Hüri gyzlary geldiler, gundagyn hem sordular,
Muhammede ÿüz sürtdüler Muhammet dogan gijesi.

Aglaÿan oglan awundy, doguran ene söÿündi,
Nije küffar dine geldi Muhammet dogan gijesi.

Ÿunus aÿdar, heÿ, gardaşlar, akar gözden ganly ÿaşlar,
Seŗde etdi daglar-daşlar Muhammet dogan gijesi.

---

[1] Kilise - hristian ybadathanasy

Şepagat-iman hany

Eÿ, dünÿäÿe aldanan, haÿyrly yhsan hany,
Unutdyñ ahyreti, şepagat-iman hany.

Kimde şepagat bardyr, rahmet ÿene ondadyr,
Şimdi bir köñli açyk, süññi musulman hany.

Ybrahym Halyl geldi, Käbeÿe binÿad urdy,
Ogluña pyçak çaldy, Ysmaÿyl gurban hany,

Şeddat bir uçmah gurdy, Nemrut göge ok atdy,
Karuny-da ÿer ÿuwtdy, Adyl Nowşirwan hany .

Kim ki istedi tapdy, gullugy tamam oldy,
Keÿ Müsre soltan oldy, Ÿusub-y Kengan hany.

Resul Magraja çykdy, gökden ÿere nur ÿagdy,
Habybym diÿe öwdi, ol Fahry jahan hany.

Ebubekr bile Omar, ÿüzlerinden nur damar,
Synasy doly Kuran, Osman-y Affan hany.

Müner idi Düldüle, bilinde zülpikary,
Erenler açdy dini, Tañry arslany hany.

Çalap[1] .Tañrynyñ hasy, hezrete geçer näzi,
Pygamberiñ amusy[2]. Hemze päliwan hany.

Jüneÿdi Bagdady we Şibli, we Marufy Karhy,
Anlar bardy bu ÿola, şimdi ol erkan hany.

---

[1] Çalap - Alla.

[2] Amu - kakasynyñ erkek dogany.

Baÿezidi Bestamy ÿedi gat gök seÿrany,
Ol erenler soltany, göwheri maden hany.

Geçdi bunlaryñ çagy, dünÿä ölüm ojagy,
Ebül Müslim Nejeti sahyby kyran hany.

Bir köñül ele getir, parahat ol, geç otur,
Konÿa şährinde ÿatur, ol iki soltan hany.

Fakih Ahmet Kutbiddin, Soltan Seÿit Nejmeddin,
Möwlana Jelaleddin-ol kutby jahan hany.

Ol Seÿit Ahmet Kebir-miÿesserdi ana nur,
Nesilleri jümle şir ol hulky merdan hany.

Ÿunus Emräm, aç gözüñ, toprak eÿlegil ÿüzüñ,
Saña dahy diÿeler: jigeri birÿan hany.

Ýansyn, ÿa resulullah

Yşkyñ bilen aşyklar,
Ýansyn, ÿa resulullah,
Içip yşkyñ şerabyn,
Gansyn, ÿa resulullah.

Şol seni söÿen kişi,
Goÿmuş ÿoluña başy,
Iki jahan güneşi,
Sensiñ, ÿa resulullah.

Şol seni söÿenlere,
Kyl şepagat anlara,
Mömin olan tenlere,
Jansyñ, ÿa resulullah.

Aşygam şol didara,
Bilbilem şol gülzara,
Seni söÿmeen, nara
Ýansyn, ÿa resulullah.

Derwüş Ýunusyñ jany,
Älem şepagat kany,
Iki jahan soltany,
Sensiñ, ÿa resulullah.

Bu derdime sebäp durur

Ýandy ýüregim alawlap, bagrym, jigerim kebap durur,
Aşyklaryñ şerbetleri bu derdime sebäp durur.

Bir nijeleri yşk düzer, bir nijeleri yşk bozar,
Bir nijeler esrik gezer, eýle kim bar harap durur.

Yşk bile çalyndy galam, yşka ýesir durur älem,
Aşyk arasynda Jebraýyl dahy perdeli durur.

Medreseler müderrisi okumadylar bu dersi,
Şeýle bir galdylar ajyz, bilmediler ne bab durur.

Azazyl duşman oldy, duşmanlygy puç oldy,
Ýalan dawa kylanlaryñ pes jezasy azap durur.

Ölmez yşyk bilişleri, äsrik mejlis serhoşlary,
Daýym bunlaryñ işleri çeng-u şeşde rebab durur.

Ýunus imdi misgin olgul, hem misginlere gul olgul,
Çünki, misgin olanlary arzuwlaýan Taňry durur.

Ylym özüñ bilmekdir

Ylym ylym bilmekdir,
Ylym özüñ bilmekdir.
Sen özüñi bilmeseñ,
Bu neneñ okamakdyr.

Okumakdan many ne?
Kişi Haky bilmekdir.
Çün okydyñ-bilmeseñ,
Ha bir gury emekdir.

Okydym, bildim diÿme,
Çoh tagat kyldym diÿme,
Hak ÿoluny bilmeseñ,
Manysyzja ÿelmekdir.

Dört kitabyñ manysy
Bellidir bir elifde .
Sen: "Elif" diÿrsiñ, hoja,
Manysy ne diÿmekdir?

Ÿunus Emre diÿr, hoja,
Gerekse bar müñ haja.
Ähliſinden eÿije
Bir köñüle girmekdir.

Iki ÿüzde görmediler

Hakykatyñ manysyn şerh ile bilmediler,
Erenler dirligi iki ÿüzde görmediler.

Hakykat bir deñizdir, şerigatdyr gämisi,
Çohlar gämiden çykyp, deñize çümmediler.

Bular geldi tapuÿa, şerigaty tutdy durur,
Içeri giribäni dünÿäni unutdylar.

Şerigat oglanlary[1] pikirde dawa kylar,
Hakykat erenleri dawaÿa galmadylar.

Dört kitaby şerh eden asydyr hakykatda,
Çünki tefsir okyÿyp manysyn bilmediler.

Ÿunus, ödüñi aÿyr, bu ÿola geldiñ ise,
Ödi aÿyrmaÿanlar bu ÿola gelmediler.

[1] Şerigat oglanlary - sopulykdan daş yslamçylar.

Köñlünden süren gelsin

Derwüşleriñ ÿoluna sydk ile gelen gelsin,
Hakdan özge her zady köñlünden süren gelsin.

Derwüşler diÿdikleri bir tükenmez käp olur,
Has-u zam, gul-u soltan bu känden alan gelsin.

Derwüş dolanyr-dogar, her nepes göge çykar,
Men diÿeÿim dogryÿy, janyna gyÿan gelsin.

Derwüşlik bir lukmadyr, ÿer bile gökden uly,
Beÿle ägirt lukmaÿy ÿuwdup-siñiren gelsin.

Derwüşiñ gözi açyk, gije-gündiz oÿanyk,
Bu söze Tañrym tanyk, bakmadan gören gelsin.

Derwüşiñ gulagy sak, Hakdan eşidir sapak,
Deprenmeden dil-dodak, sözi eşiden gelsin.

Derwüşiñ eli uzyn, çykarar müñkür gözün,
Şarka-garba bir deste sunmadan ÿeten gelsin.

Derwüşler Hakkyñ dosty, janlarydyr Hak mesti,
Yşk şemini ÿakdylar, perwana olan gelsin.

Bu misgin Ÿunusy gör, derwüşlik ede geldi,
Nebsindendir şikaÿat, nebsin öldüren gelsin.

Ana gülegen olur

Derwüş olan kişiler däli olagan olur,
Yşk neÿdigin bilmeen ana gülegen olur.

Gülme, sakyn sen ana, eÿi degildir saña,
Kişi nee gülerse başa gelegen olur.

Ah, bu yşkyñ eseri her kime ugrar ise,
Derdine sabr etmeen ÿolda galagan olur.

Bir kişi aşyk olsa, yşk derÿasyna çümse,
O derÿanyñ içinde göwher tapagan olur.

Aşyk lamekan olur, dünÿä terkini urur,
Dünÿä terkin uranlar, didar göregen olur.

Derwüş Ÿunus, sen dahy ynjytma derwüşleri,
Derwüşleriñ dogasy kabul olagan olur.

Göz ÿaşlary çeşme olur

Hojam aşyk olanlaryñ işi ah-ile zar olur,
Hesretinden ol magşugyñ göz ÿaşlary çeşme olur.

Gije-gündiz kylar zary, ÿagny görmek dilär ÿary,
Eşitmezler bu habary, yşksyzlar bahabar olur.

Aşyk olsañ didaryna, goÿma bu güni ertire,
Girenler yşk bazaryna öz-özünden bizar olur.

Terk eÿle gel sen senligiñ, onuñ yşkyny tap, onuñ,
Bu yşk içinde öleniñ gan bahasy didar olur.

Aşyklar lamekan olur, jahanyñ terkini urur,
Jan-u jahan hiç zatdyr ki, çün dost ile bazar olur.

Yşka ÿoldaş olajak biz, jümle işler olur ÿeñil,
Maksat-ele girejek biz, dost iline sapar olur.

Hany, gerçek aşyk hany, geliñ isteeliñ any,
Biçäre Ÿunusyñ jany dost ÿoluna sowgat olur.

Suwlar kibi çaglarmysyñ

Daşdyñ ÿene däli köñül,
Suwlar kibi çaglarmysyñ,
Akdy ÿene ganly ÿaşym,
Ëllarymy baglarmysyñ.

Nädem, elim ÿetmez ÿara,
Tapylmaz derdime çäre,
Oldum ilimden awara,
Meni munda eglärmisiñ.

Men ÿitirdim o ÿoldaşy,
Bitmez hiç bagrymyñ başy,
Gözlerimiñ ganly ÿaşy,
Derÿa bolup çaglarmysyñ.

Men toprak oldum ÿoluña,
Sen aşyry gözedersiñ,
Şu garşyma göwüs geren,
Daş bagyrly daglarmysyñ.

Haramy kibi ÿoluma,
Garşy çykan garly dag,
Men ÿarymdan aÿra düşdüm,
Sen ÿolumy baglarmysyñ.

Garly daglaryñ başynda
Salkym-salkym olan bulut,
Saçyñ çözüp meniñ üçin
Içgin-içgin aglarmysyñ.

Esridi Ÿunusyñ jany,
Ëlda men, illerim hany,
Ÿunus düÿşde gördi seni,
Hastamysyñ, saglarmysyñ.

Yşk neÿlesin seniñ bile

Içiñ-daşyñ murdar eken,
Yşk neÿlesin seniñ bile,
Köñlüñ gözi uklar eken,
Yşk neÿlesin seniñ bile.

Aşyklara ÿoldaş olup,
Sadyklara ÿar olmadan,
Ölmezden öñden ölmeden
Yşk neÿlesin seniñ bile.

Dünÿä gözüñ röwşen edip,
Köñül gözün kör eÿlediñ.
Zulmat dolajak köñlüñe
Yşk neÿlesin seniñ bile.

Bize gerçek derwüş gerek,
Jahan doldy dawa bile,
Ÿalan dawa ederiseñ,
Yşk neÿlesin seniñ bile.

Derwüşligi sanma-heman
Surat düzmek bile olur.
Dilde olsa seniñ işiñ,
Yşk neÿlesin seniñ bile.

Ÿunus Emre hoş dert bile,
Süregör gel döwranyñy.
Dogry ÿola gitmez olsañ,
Yşk neÿlesin seniñ bile.

Mysaly daşa meñzär

Eşidiñ, eÿ, adamlar! Yşk bir güneşe meñzär,
Yşk olmaÿan köñül mysaly daşa meñzär.

Daş köñülde ne biter, dilinde zäher tütär,
Näçe ÿumşak söÿlese, sözi söweşe meñzär.

Yşky bar köñül ÿanar, ÿumşanyr, muma döner,
Daş köñüller garalmyş, sarp-gaty gyşa meñzär.

Ol soltan gapysynda, ol hezret tapysynda,
Aşyklaryñ ÿyldyzy ÿol görkezijä meñzär.

Aÿny hyrs ol, olmuşdyr, nebsine gul olmuşdyr,
Özüne duşman olmuş, ÿowuz ÿoldaşa meñzär.

Yşkdyr gudrat körügi, gaÿnadyr aşyklary,
Näçe gapdan geçirir, andan kümüşe meñzär.

Aşyk köñli beslenmez, magşugyn tapmaÿynça,
Karary ÿok dünÿäde, perwazy guşa meñzär.

Müñkür sözüni bilmez, sözi ileri barmaz,
Näge kyÿaslanarsyñ, añlanmaz düÿşe meñzär.

Geç, Ÿunus, endişeden, ne gerek bu pişeden,
äre yşk gerek öñden, soñra derwüşe meñzär.

Olupdyr yşk elinden

Köñül haÿran olupdyr yşk elinden,
Jiger burÿan olupdyr yşk elinden.

Nijeler täj-u tagty, mal-u mülki,
Goÿup urÿan olupdyr yşk elinden.

Özümiñ galmady sabry-karary,
Gözüm girÿan olupdyr yşk elinden.

Eridi garly daglar zerre-zerre,
Deñiz umman olupdyr yşk elinden.

Goÿup Ybrahym Edhem täj-u tagty,
Ÿeri külhan olupdyr yşk elinden.

Zihi Mahsur ki magşuk ÿolunda,
Başy berdar olupdyr yşk elinden.

Ne görür Leÿlanyñ ÿüzünde Mejnun,
Ki sergerdan olupdyr yşk elinden.

Ne gördi Züleÿha Ÿusup ÿüzünde,
Işi efgan olupdyr yşk elinden.

Muhabbet derdine düşeli bilbil,
Dili handan olupdyr yşk elinden.

Ÿunus Emre hem bu hesrete, bu zara,
Ajap myhman olupdyr yşk elinden.

Başy görünmez

Bu ne dertdir, ajap derman tapylmaz,
Ýa, bu ne ÿaradyr, başy görünmez.

Meniň köňlüm ajap yşkdan bezikmez,
Baryr, yşka düşer, hiç maňa dönmez.

Döner köňlüm, maňa ögüt berir hoş,
Aşyk olan köňül yşkdan bezikmez.

Aşyk ki jana galsa, aşyk olmaz,
Janyn terk etmegen magşugy tapmaz.

Yşk bazarydyr bu, janlar satylyr,
Satarym janymy, hiç kimse almaz.

Aşyk bir kişidir, bu dünÿä malyn,
Ahyret gorkusyn bir çöpe almaz.

Bu dünÿäden, ahyretden içeri,
Aşygyň ÿeri bar, kimse ne bilmez.

Aşyk öldi diÿe sala bererler,
Ölen haÿwandyr ol, aşyklar ölmez.

Aşyklar meÿdany arşdan beÿikdir,
Alarlar çewganyl, topy görünmez.

Begim, aryf olsaň, ÿöri ÿolundan,
Munda başlar ÿiter, ganlar soralmaz.

Erenler gapysy - Hezret gapysy,
Muňa baş egenler mahrum goÿulmaz.

Ýunus bu derÿaÿa gark oldy gitdi,
Bäri dönmeklige akly ÿol almaz.

Ýetmeen aşykmydyr

Janyny yşk ýoluna bermeýen aşykmydyr,
Jäht eýleýip ol dosta ýetmeýen aşykmydyr.

Yşk şerabyndan içip, nebs dileginden geçip,
Hak ýoluna är kibi durmaýan aşykmydyr.

Dost söýgüsin köñülden, jan bile berkitmeen,
Uzyn durmuş depderin düýrmeýen aşykmydyr.

Daýym ybadat çekip, hylwatlarda dyz epip,
Hak didary eserin görmeýen aşykmydyr.

Yşka tanyşlyk sygmaz, her bir jan göge çykmaz,
Perwana kibi oda ýanmaýan aşykmydyr.

Kişi dertli olyjak-derman istegen olur,
Özi derdi-dermanyn sormaýan aşykmydyr.

Eý, Ýunus, sen dostunyñ jepasyna döz gelgil,
Ýüregine yşk okun urmaýan aşykmydyr.

---

[1] Çewgan - oýun taýagy.

Nazarym ÿok durur

Sensiñ meniñ janym jany, sensiz kararym ÿok durur,
Uçmahda sen olmaz iseñ, wallah nazarym ÿok durur.

Baksam, seni görer gözüm, söÿlär isem-sensiñ sözüm,
Saña bakmaklykdan gaÿry ÿegräk şikärim ÿok durur.

Çün men meni unutmyşam, şeÿle ki saña gitmişem,
Ne halda, ahwalda isem, bir dem kararym ÿok durur.

Ÿunus dahy aşyk saña, görkez didaryñy oña,
Ÿarym dahy sensiñ meniñ, aÿryk nigärim ÿok durur.

Ýandygym maña hoş geler

Eÿ, dost seniñ yşk oduñ ÿüregime para-boş geler,
Yşkyndan ÿanar ÿüregim, ÿandygym maña hoş geler.

Yşkyñ oduna ÿandygym, aglamak oldy güldügim,
Dost saña zary kyldygym, müñkürlere söweş geler.

Söÿlär isem sözüm söweş, söÿlemesem jigerim baş,
Jahanda doly hilegär, her birinden bir daş geler.

Gör, nije daşlar atylar, dost üçin başlar tutular,
Geler, köñüle batylar, halymyza haldaş geler.

Biziñ halymyzdan bilen, kimdir yşka müñkür olan,
Biziñ söwdügimiz Hakdyr, bu halka göz-u gaş geler.

Erenler muña galmady, bardy, ÿolunda durmady,
Hakky jandan söÿenlere jümle älem gardaş geler.

Nije-nije salatynlar zebun olur yşk elinde,
Her kim bu ÿola düşerse, ol bu ÿola ÿuwaş geler.

Misgin Ýunus, bil özüñi, dosta açyp şol gözüñi,
Haÿsy burçdan bakar iseñ, ol soltana güneş geler.

Hormatly bir zatdyr yşk

Eşidiñ, eÿ, ÿaranlar, gymmatly bir zatdyr yşk,
Her ÿetene berilmez, hormatly bir zatdyr yşk.

Hem jepadyr, hem sapa, Hamzaÿy atdy Kafa,
Yşk biledir Mustapa, döwletli bir zatdyr yşk.

Daga düşer ÿel eÿlär, köñüllere ÿol eÿlär,
Soltanlary kül eÿlär, jüretli bir zatdyr yşk.

Kime kim yşk urdy ok, gussa ile gaÿgy ÿok,
Perÿat ile ahy çoh, pyrkatly bir zatdyr yşk.

Deñizleri gaÿnadar, möwje geler, oÿnadar,
Gaÿalary oÿnadar, kuwwatly bir zatdyr yşk.

Akyllary çaşyrar, derÿalara düşürer,
Nije jiger bişirer, keÿ otly bir zatdyr yşk.

Misgin Ÿunus neÿlesin, derdi kime söÿlesin,
Barsyn, dosty toplasyn, lezzetli bir zatdyr yşk.

Ýüregime direndi

Ýene ýüzüni gördüm, ýene ýüregim ýandy,
Dost, seniň yşkyň ody ýüregime direndi.

Görkli ýüzüňi gören, köňlüni saňa beren,
Belli tapynda duran, ne doýdy, ne bezikdi.

Jöwherdir seniň sözüň, güneşden ary ýüzüň,
Şekerden datly sözüň her kim gördi utandy.

Bu köňlüm garyp idi, jigerim kebap idi,
Görkli ýüzüni gördüm, içim-daşym bezendi.

Ýunus Emre bikarar, şol hub ýüze intizar,
Senden aýrylmaz nazar, bardy, ýakyldy ýandy.

Maña wepadar olmady

Kime köñül berer isem, meniñ bile ÿar olmady,
Halym bilip, derdim sorup, maña wepadar olmady.

Hakdan, meger, takdyr idi, aşyk oldy köñlüm saña,
Hiç kimseler meniñ kibi yşka giriftar olmady.

Yşkdan şykaÿatym ÿokdur, öz ykbalymdan durur,
Öz ÿoluny gözlemeÿän adam däldir, är olmady.

Yşk bir uly halat durur, bir nijee berir Taňry,
Bir nijeler galdy mahrum, yşkdan habardar olmady.

Yşk bir uly nazar durur, aşyk janlar-etenlerdir,
Yşka düşmeen köñül weÿran durur, şehr olmady.

Ybrahyma Nemrut odun yşkdyr gülistan eÿleen,
Yşkdan nazar ÿeter bize, gülzar oldy, nar olmady.

Yşkda pidalar çoh olur, aşyklara gaÿrat gerek,
Ÿunus aşyk olduñ ise, aşyklarda ar olmady.

Döwranym sürer ÿörerin

Eÿ, dost, yşkyñ deñizine girem, garkolar ÿörerin,
Iki jahan meÿdan ola, döwranym sürer ÿörerin.

Girem deñize gark olam, ne elif, ne mim, dal olam,
Dost bagynda bilbil olam, güllerin tirer ÿörerin.

Bilbil oluban saÿryÿam, köñül olam, jeset tutam,
Başymy elime alyp, ÿoluna berer ÿörerin.

Bilbil oluban saÿryÿam, eÿ, nije köñüller güÿdem,
¥üzüm yşk ile dembe-dem topraga sürter ÿörerin.

Şükür, gördüm didaryny, içdim wysalyñ ÿaryny,
Bu menlik-senlik şähriniñ merkini berer ÿörerin.

¥unusdyr yşk awarasy, biçäreler biçäresi,
Sendedir derdim çäresi, dermanym sorar ÿörerin.

Hyzyr kibi gezer oldum

Girdim yşkyñ deñzine, deñizçi deÿ ÿüzer oldum,
Keşt edibän deñizleri, Hyzyr kibi gezer oldum.

Jemalyny gördüm düÿşde, çoh gözledim ÿazda-gyşda,
Hiç tapmadym dagda-daşda, deñizleri süzer oldum.

Sordum deñiz eÿesine, yrak degil ÿakynyna,
Girdim köñül synygyna, köñülleri düzer oldum.

Weÿran köñlüm eÿledim şehr,
muña meñzeş şehr nirde bar,
Gaznasyndan aldym göwher,
dükan ÿüzün bozar oldum.

Men ol dükandar gulyÿam, göwherler bile doluÿam,
Dost bagynyñ bilbiliÿem, pudakdan gül üzer oldum.

Ol pudakda biter iman, iman bitse gider güman,
Daÿym işim budur heman, nebsime bir duşman oldum.

Hanym bu tene gireli, nazarym ÿokdur altyna,
Düşdüm aÿaklar astyna, toprak kibi tozar oldum.

Tenim toprak, tozar ÿolça, nebsim elter meni ÿenje,
Gördüm, nebs galasy beÿik, gazma aldym, gazar oldum.

Bu nebs bile dünÿä pany, bu dünÿäge gelen hany,
Aldatdyñ, eÿ, dünÿä meni, işlerinden bezer oldum.

Ÿunus sordy, girdi ÿola, ähli gurbetleri bile,
Öz jigerim gany bilen waspy-halym ÿazar oldum.

Köñlüm karar kylmaz meniñ

Ger dogrymy söÿlär isem, kimse dilim bilmez meniñ,
Eger sabyr eÿlär isem, köñlüm karar kylmaz meniñ.

Eÿ, dostlar, akly barlar, siz aÿydyñ, men nädeÿin,
Ol dost ÿüzün göreliden aklym başa gelmez meniñ.

Munuñ kibi tertip bile meniñ işim barmaz başa,
Elimden iş galar ise, janymdan iş galmaz meniñ.

Ne däliÿim, ne akylam nämä meñzär meniñ işim,
Yşk deñizine gark olup geldim, janym doÿmaz meniñ.

Muhabbetiñ ody meniñ ÿüregime düşdi ÿanar,
Ÿandygymça artar odum,döwrüm geçip solmaz meniñ.

Jümle Haka ÿol bardylar, sabyr ile Hakka ÿetdiler,
Yşkyñ asly otdan durur, sabrym ile olmaz meniñ.

Nije diÿdim bu köñlüme: bar sabyr eÿle, dek otur,
Şol dem daha beter olur, ögüdimi almaz meniñ.

Bu Ÿunusyñ çün şekili ölüp toprak olur ise,
Ruhum yşk söÿgüsi, biliñ ki, hiç gitmez meniñ.

Gözüm ÿaşy diñmez meniñ

Deñiz oldy piÿalalar, suwsuzlygym ganmaz meniñ,
Iññildilerim egsilmez, gözüm ÿaşy diñmez meniñ.

Gel, soraly biziñ ile kim giresi bakjalara,
Daÿym saÿrar bilbilleri, gülüstanym solmaz meniñ.

Biziñ iliñ bakjalary, daÿym täzedir gülleri,
Abadandyr bostanlary, agÿar gülüm üzmez meniñ.

Mansur kadehin ençe gez magşugym sundy elime,
Dört ÿanymdan ot urdular, kimse halym bilmez meniñ.

¥ana-ÿana kül oluban sen magşugymyñ ÿoluna,
Günde müñ gez ÿanar isem,
dostdan ÿüzüm dönmez meniñ.

Janym yşkyñ külüñine, Perhat olup, tutdum başym,
Daÿym daglary keserim, Şirinim hiç sormaz meniñ.

¥unus aÿdar, eÿ soltanym, yşkyñ ile ÿandy janym,
Gel, kylar iseñ dermanym, aÿry janym ölmez meniñ.

Yşkdyr ÿoldaşym meniñ

Her nireÿe döner isem, yşk biledir işim meniñ,
Odur köñlümde teşwişim, hem yşkdyr ÿoldaşym meniñ.

Yşksyzlara köÿür özüm, onuñ çün paş olur syrym,
Gördügimiz aşyklary, gaÿnar içim-daşym meniñ.

Bu yşk bize rahmanydyr, hem janymyzyñ janydyr,
Onuñ üçin şeÿtan ile her dem bu söweşim meniñ.

Meniñ janym bir guşdur, kim göwräm onuñ kapasydyr,
Dostdan habar gelejekdir, bir gün uçar guşum meniñ.

Geldim, dünÿä seÿran etdim, ÿa bu gün, ÿa ertir gitdim,
Men munda eglenersem, munda bitmez işim meniñ.

Ұunus aÿdar, men aşygam, hem aşygam, hem sadygam,
Bu aÿry aşyklar kibi ÿokdur zynatlarym meniñ.

Dünýe bile isteýe any

Aşykmydyr ol magşuk üçin bermeýe jany,
Akylmydyr ol dünýe bile istee any.

Adammydyr ömrüni gullukda geçirmez,
Aryfmydyr ol añlamaýa sud-u zyýany.

Alymmydyr ol ylmyna laýyk amaly ýok,
Jahylmydyr ol yşka sata iki jahany.

Abitmidir ol islemedi tagat-u yhlas,
Günäli diýmäñiz, özün günäli bileni.

Esrikmidir ol şeraby noş etmedi dosta,
Eýi diýmäñiz gaflat bile nebse uýany.

Köñülmidir ol hikmete kylmady pikirler,
Ýa, gözmüdir ol ýaş ýerine dökmeýe gany.

Misgil Ýunusyñ sermaýasy ýokdur ylahy,
Ylla söýüjidir seni yşk bile söýeni.

Dosta ÿalñyz ÿetmişler

Dürli-dürli jepanyñ adyna yşk bermişler,
Bu jepaÿa ulaşan dosta ÿalñyz ÿetmişler.

Her kim yşka erişe, yşk anyñla baryşa,
Kim yşka müşderise, janyna ot urmuşlar.

Her kim yşka sataşdy - ol dem gaÿnady-daşdy,
Kim dälidir, kim akyl - dört ÿanynda durmuşlar.

Yşk durur apat-bela, dönderer haldan-hala,
Dost elinden piÿala, hoş şirinlik olmuşlar.

Yşkdyr Ÿunusyñ jany, başynda serenjamy,
Yşka müñkür adamy bu meÿdandan sürmüşler.

Dawa gerekmez

Bize didar gerek, dünÿä gerekmez,
Bize many gerek, dawa gerekmez.

Bize gadyr gijesidir bu gije,
Goÿ, erte olmasyn, säher gerekmez.

Bize yşk şerbetinden sun içeli,
Bize uçmahda köwser gerekmez.

Badalar doly-doly, içeliñ biz,
Biz esrik olmarys, humar gerekmez.

Ÿunus esreÿibän düşdi susaga,
Çagyryr Tapdygyny, är gerekmez.

Jümlesin beÿan eÿlärem

Uş ÿene geldim men munda, syr sözün aÿan eÿlärem,
Bir söz bile ÿeri-gögi, jümlesin beÿan eÿlärem.

Dilär isem-ten eÿlärem, dilär isem jan eÿlärem,
Köñlümi Tur, janym Musa, tagt-y Süleÿman eÿlärem.

Dirilik maña garşy gele, dirligiñ boÿnuna uram,
Ölüm eger wajyp ola, janymy gurban eÿlärem.

Ezraÿyl ne kişidirki - kast ede bilmez janyma,
Men onuñ kastyny ÿene özüne zyndan eÿlärem.

Ÿa, Jebraÿyl kim ola, kim hökm ede meni ahyma,
Ÿüz müñ Jebraÿyl kibiÿi bir demde parran eÿlärem.

Bu bizden önje gelenler, manyÿy pynhan kylanlar,
Men eneden dogmuş kibi, geldim ki uryan eÿlärem.

Ÿunus seniñ köñül öÿüñ Hak barlygyndan doludyr,
Uş geldim ki aşyklara barlykdan yhsan eÿlärem.

Şimdi gorkudan gutuldym

Ahyrda men meni bildim, ÿakyn bil kim Hakky tapdym,
Hakky tapynçady gorkym, şimdi gorkudan gutuldym.

Indi hiç gorkmazam, bir zerre gaÿrymyzam,
Men şimdi kimden gorkaÿyn, gorkdugym bile ÿar oldum.

Ezraÿyl gelmez janyma, soragçy gelmez gabryma,
Bunlar menden ne sorsunlar, ony sorduran men oldum.

Ÿa, men onça haçan olam, onuñ buÿrugyn buÿuram,
Ol geldi, köñlümiz doldy, men oña bir kän oldum.

Yşklylar bizden alalar, yşksyzlar het ne bileler,
Kimler ala, kimler bere, men bir uly dükan oldum.

Ÿunusa Hak açdy gapy, Ÿunus Haka egdi başy,
Baky döwlet meniñkimiş, men gul idim, soltan oldum.

Soltan tutaram

Ne diÿr isem hökmüm ÿörir, elimde perman tutaram,
Näder isem hökmüm rowan, çün hökm-i soltan tutaram[1].

Yns bile bu jyn-u peri, döwler meniñ hökmümdedir,
Tagtym meniñ ÿel göterer, möhr-i Süleÿman tutaram.

Iblis-u Adam kim olur, ÿa aza, ÿa azdyra,
Jümle meñki, eÿi-ÿowuz ählisini men tutaram.

Dünÿä meniñ ryskym durur,
kowmy meniñ kowmum durur,
Her dem mende takdyr ÿörir,
takdyry jandan tutaram.

Seniñ kibi jan bar eken, aby-haÿÿat isteÿeni,
O tümlüge gireni men ony haÿwan tutaram.

Onsuz olursam ölüÿem, onuñla diri oluram,
Siz sanmañyz ki dirligi, hemişe jandan tutaram.

Dinim-imanym ol durur, onsuz olursam dünÿäde,
Ne buta, haça taparym, ne din-u iman tutaram.

Ÿunus aÿdar, men ol menim, az görmegil, men ol menim,
Men ne diÿsem, ol dost tutar, dost diÿdigin men tutaram.

---

[1] Tutmak - kabul etmek, saklamak, bolmak, hasap etmek.

Jan şükrana beri gelem

Dost elinden öler isem, hiç gümansyz ÿene gelem,
Ganymat görüp bu demi, jan şükrana beri gelem.

Janyn diri tutan kişi dost ÿaryndan yrak düşer,
Pida kylam ÿüz müñ jany, yraklykdan bäri gelem.

Ferjis kibi ol dost meni ÿetmiş gez öldürür ise,
Müñ gez ÿene ölür isem, ÿüz müñ gez ileri gelem.

Ýüz müñ gezek dogam-batam,
dost burçunda jöwlan kylam,
Hem munda olam, hem anda, munda-anda bary-gelem.

Adaglandym neçäre, ÿörärim dün-gün awara,
Soranlara jogap budur: isteÿibän sory-gelem.

Müñ ÿyl toprakda ÿatarsam,
men goÿmanam Enel-Hakky,
Ne wagt gerek olur ise, yşk nepesin uru-gelem.

Eÿ, ynançsyz, gel gabryma, dost adyny aÿyt-çagyr,
Kepen donun para kylyp, topragymdan turu-gelem.

Mundan beÿle ne oljagyn her bir akyl şerhetmeÿe,
Ýunus aÿdar, aşyklara dost habaryn beri-gelem.

Şu ÿoldan urup geldim

¥alan degildir sözüm, bak ÿüzüme, aç gözüñ,
Örtülmedi yz heniz, şu ÿoldan urup geldim.

Eÿÿup oldum tenime, jepa kyldym janyma,
Çagyrdym suwhanymy, gurtlar doÿuryp geldim.

Zekerÿa oldum, gaçdym, ÿetdim, agaja çykdym,
Ganym dört ÿana saçdym, depäm dildirip geldim.

Musaÿle Tura çykdym, müñ bir kelime kyldym,
Bu halaÿyk bilsinler, anda boluban geldim.

Isa oldum gudratdan, bahana bir awratdan,
Inaÿet oldy Hakdan, öli direlip geldim.

Jirjis olup basyldym, Mansur oldum asyldym,
Hallaç pamugy kibi munda atylyp geldim.

Muhammedi bir gije Hak okydy Magraja,
Seretseler uçdan-uja bile ÿüz sürtüp geldim.

¥alñyz ol suwhan idi, pygamberler janydy,
¥unus pynhanydy, surata bürenip geldim.

Giderem, aklym başymdan çaşyban,
¥anaram, yşkyñ oduna düşübän.

Ot taşladyñ janyma, dün-gün ÿanar,
¥anaram lowlap, lowlap, tutaşyban.

Yşkdan ne bar, eger syndym ise,
Yşk bile kim synmady ugraşyban.

Aşyk algyl magşugyñ didaryny,
Magşuk olgul yşk bile sarmaşyban.

¥unus, janyñ yşga ber şükranala,
Kimseler tapmaz ertir isteşibän .

Är etegin tutdum ahy

Eÿ, ÿaranlar, eÿ, gardaşlar, görüñ meni, nätdim ahy,
Äre ÿetdim, äri tapdym, är etegin tutdum ahy.

Janym bir gözsüz jan idi, içi doly sen-men idi,
Tutdum misginlik etegin, men menzile ÿetdim ahy.

Gorkar oldum bir Tañrydan, bizar oldum başgalardan,
Işbu işim arzuwyla men ÿoluma gitdim ahy.

Giderdim köñülden kinäm, kineliniñ ÿokdur dini,
Eÿ, ÿaranlar, men bu sözi uludan eşitdim ahy.

Añladym özüm halymy, gözledim dogry ÿolumy,
Tutdum ulular etegin, hezrete men ÿetdim ahy.

Aşyk iseñ misgin Ÿunus hezrete tutgul ÿüzüñni,
Añlaÿana göwher durur, söz sarrafa[1] satdym ahy.

[1] Sarraf - altyn sōwdagäri.

Gerçek äre ÿetmeÿinçä

Aklym başyma gelmedi, yşk şerabyn datmaÿynça,
Özüm-özümi bilmedim, gerçek äre ÿetmeÿinçä.

Öz bilişi bilen kişi, ÿetermi bir menzile,
Allaha ÿetmeÿen galyr är etegin tutmaÿynça.

Bar, din-iman gerek ise, eÿi direl bu dünÿäde,
Ertir anda bitmez işiñ, bu gün munda bitmeÿinçä.

Bilbil dahy aşyk güle, nazar Hakdan olur gula,
Bir kelam gelmez dile, köñüllerde ÿanmaÿynça.

Köñüllerde bu syrymy, sakynman diÿdim sözümi,
Aşyk ne gatlanar söze, yşk matagyn satmaÿynça.

Biçäre Ÿunusyñ sözün keÿ aşyk gerek añlaÿa,
O guş dilidir, neÿlesin, öwüt bermez saÿraÿança.

Içdik alhamdülylla

Hakdan gelen şerbeti
Içdik alhamdülylla.
Şol gudrat deñizini,
Geçdik alhamdülylla.

Şol garşyky daglary,
Bakjalary, baglary,
Saglyk-sapalyk bile
Aşdyk alhamdülylla.

Gury idik, ÿaş olduk,
Aÿak idik, baş olduk,
Ganatlandyk, guş olduk,
Uçduk alhamdülylla.

Bardygymyz illere,
Şol sapa köñüllere,
Baba tapdyk manysyn
Saçdyk alhamdülylla.

Bäri gel, baryşaly,
¥at olsañ tanyşaly
Atymyz eÿerlendi
Gitdik alhamdülylla.

Indik, Rumda gyşladyk,
Çoh haÿyr-şer işledik,
Şu bahar geldi döne,
Göçdük alhamdülylla.

Direldik, çeşme olduk,
Birleşdik derÿa olduk,
Soñra deñize dolduk,
Daşdyk alhamdülylla.

Tapdygyñ tapysynda[1],
Gul olduk gapysynda.
Ÿunus, misgin, çyg idik,
Bişdik alhamdülylla.



[1] Tapy - şertnama, emr, dergäh.

Alana satmaga geldim

Meniñ munda kararym ÿok,
men munda gitmäge geldim,
Bezirgenem, matagym çoh,
alana satmaga geldim.

Men gelmedim dawa üçin, meniñ işim söÿgi üçin,
Dostuñ öÿi köñüllerdir, köñüller almaga geldim.

Dost esrigi däliligim, aşyklar biler neligim,
Çalşyryban ikiligim birlige ÿetmäge geldim.

Ol agadyr, men guluÿym, dost bakjasy bilbiliÿem,
Ol agamyñ bakjasynda şat olup saÿraÿa geldim.

Munda bilişmeÿen janlar, anda bilişemez añlar,
Munda bilişip dost bile, halym arz etmäge geldim.

Ÿunus Emre aşyk olmuş, magşugyñ derdinden ölmüş,
Gerçek äriñ gapysynda halym arz etmäge geldim.

Anda gonuban göçdi

Erenleriñ köñlünde ol soltan dükan açdy,
Nije biziñ kibiler anda gonuban göçdi.

Jümle erenler uçdy, daglar-depeler geçdi,
Yşk gazanyna düşdi, gaÿnaÿybany bişdi.

Bu dünÿäniñ mysaly meñzär murdar göwreÿe,
Itler murdara üÿşdi, Hak dosty, goÿdy gaçdy.

Aşykmy diÿem ana, jan terkini urmady,
Aşyk ana diÿeler melamat dile düşdi.

Ÿene esridi Ÿunus, Tapdyk ÿüzün görenden,
Meger, anyñ köñlünden bir owurt şerbet içdi.

Senden ÿüzüm döndermezem

Ÿüz müñ jepa kylsañ maña,
senden ÿüzüm döndürmezem,
Janym dahy alyrysañ,
senden ÿüzüm döndürmezem.

Seni söÿerem jan bile, gul olmuşam perman bile,
Ant içerem Kuran bile, senden ÿüzüm döndürmezem.

Kilisee diÿrseñ, girem, nakus[1] dahy diÿrseñ çalam,
Aşyklarda ÿokdur galam, senden ÿüzüm döndürmezem.

Isamysyñ, Musamysyñ, ÿa Ÿusub-y Kenganmysyñ,
Wallah ki janlar janysyñ, senden ÿüzüm döndürmezem.

Ÿunus, gerçek aşygysam, Hak ÿoluna sadygysam,
Hyzmatlara laÿygysam, senden ÿüzüm döndürmezem.

[1] Nakus - hristian metjidindäki jañ.

Zynhar eliñden goÿma

Sen bu jahan mülküne geldim-gelmedim diÿme,
Tut öwlüÿä etegin, zynhar eliñden goÿma.

Gapyl olma ömrgeçdi, bir nije ÿylyñ aşdy,
Yşkdyr, gaÿnady-daşdy, bildim-bilmedim diÿme.

Yşk bikarar deñizdir, janyñy yşka ÿüzdür,
Deñizde deñizçi bar, ÿüzdüm-ÿüzmedim diÿme.

Gämi deñize girdi, bir zaman jöwlan urdy,
Bir gün gämi gark oldy, bildim-bilmedim diÿme.

Deñizdäki ÿalkymlar, jöwlan urar balyklar,
Ÿunus, deñiz möwjüne çümdüm-çümmedim diÿme.

Eÿ, rehmeti çoh, Hudaÿym

Hak hudaÿym, Hak Hudaÿym,
seniñ kibi ÿok Hudaÿym,
Günählermiz bagyşlagyl,
eÿ rehmeti çoh, Hudaÿym.

Gullar seniñ, sen gullaryñ, günähleri çoh munlaryñ,
Uçmaha goÿ munlary, münsinler byrak, Hudaÿym.

Ne soltan, ne baÿlardasyñ, ne köşgi saraÿlardasyñ,
Girdiñ misginler köñlüne, etdiñ düşelge Hudaÿym.

Ne ylmym bar, ne tagatym,
ne güÿjüm bar, ne takatym,
Meger, senden inaÿetim,
kylgyl ÿüzüm ak, Hudaÿym.

Bagyşlagyl sen Ÿunusy günähli gullaryñ bile,
Eger sen bagyşlamazsoñ,
keÿ agyr pyrak, Hudaÿym.

Gel, dosta gideli, köñül

Bir nazarda galmaÿaly, gel, dosta gideli, köñül,
Hesret ile ölmeÿeli, gel, dosta gideli, köñül.

Gel, gideli jan durmadan, surat terkini urmadan,
Araÿa duşman girmeden, gel, dosta gideli köñül.

Gel, gideli, galma yrak, dost üçin bolaly häzir,
Şeÿhiñ ÿanyndadyr durak, gel, dosta gideli, köñül.

Terkedeli il-u şähri, dost üçin kylaly zary,
Ele getireli ÿary, gel, dosta gideli, köñül.

Bu dünÿäge galmaÿaly, panydyr, aldanmaÿaly,
Bir eken, hiç dönmeÿeli, gel, dosta gideli, köñül.

Biz bu jahandan göçeli, ol dost iline uçaly,
Arzuw-höwesden geçeli, gel, dosta gideli, köñül.

Öñbaşçy olgul sen maña, ÿola düşeli, eÿ köñül,
Bakmaÿaly öñden-soña, gel, dosta gideli, köñül.

Bu dünÿä olmaz paÿydar, aç gözüñi, janyñ oÿar,
Olgyl maña ÿoldaş-u ÿar, gel, dosta gideli, köñül.

Ölüm habary gelmeden, ajal ÿakamyz almadan,
Ezraÿyl hemle kylmadan, gel, dosta gideli, köñül.

Gerçek erene baraly, Hakyñ habaryn alaly,
Ÿunus aşygy tapaly, gel, dosta gideli, köñül.

Bize güler bar

Ýar, ýüregim, ýar, gör ki neler bar,
Toprak içinde bize güler bar.

Goý, gülen gülsün, Hak biziň olsun,
Gapyllar ne bilsin, Haky söýer bar.

Bu ýol uzakdyr, menzili çohdur,
Geçidi ýokdur, çuňňur suwlar bar.

Her kim merdana - gelsin meýdana,
Galmasyn jana - kimde hünär bar.

Ýunus, sen munda meýdan isteme,
Meýdan içinde merdanalar bar.



Ÿüzün göresim geler

Bu wujudym şähriné her dem giresim geler,
Içindäki soltanyñ ÿüzün göresim geler.

Eşiderem sözüni, göremesem ÿüzüni,
Ÿüzüni görmeklige janym beresim geler.

Magşugyñ hylwatynyñ ÿedi gapysy bardyr,
Ol gapydan içeri seÿran kylasym geler.

Her gapyda bir kişi, ÿüz müñ çorusy bardyr,
Yşk gylyjyn guşanyp, jümle gyrasym geler.

Erenleriñ söhbeti artdyrar magryfeti,
Bidertleri söhbetden her dem süresim geler.

Leÿli-u Mejnun menem, şeÿdaÿy Rahman menem,
Leÿli ÿüzün görmäge Mejnun olasym geler.

Dost oldy bize myhman, munça ÿyl, munça zaman,
Gerçek Ysmaÿyl kibi gurban olasym geler.

Erenleriñ nazary topragy göwher eÿlär,
Erenler gadamynda toprak olasym geler.

Ÿarymdan ilçi geler, janymdan habar dilär,
Merkepden inibän pyÿada barasym geler.

Misgin Ÿunusyñ nebsi, dört tebigat içinde,
Yşk bile jan syryna pynhan barasym geler.

Söÿgüsi bar aşykdyr

Yşksyz adam dünÿäde, belli biliñ ki ÿokdur,
Her biri bir zatlara söÿgüsi bar aşykdyr.

Tañrynyñ dünÿäsinde ÿüz müñ dürli söÿgi bar,
KAbul et öz-özüñe, gör, haÿsysy laÿykdyr.

Biri Rahman-u rahym, biri Şeÿtan-u rajym,
Onuñ ÿazygy-muzdy[1] söÿgüsine baglydyr.

Dünÿäde pygamberiñ başyna geldi bu yşk,
Terjimany Jebraÿyl, magşugy-da Halykdyr.

Omar-u Osman, Aly - Mustapa ÿaranlary,
Bu dördüniñ ulusy Ebu-Bekri Syddyhdyr.

älem görki Mustapa magraja çykansoñra,
Tañrydan diledigi ummatyna azykdyr.

Ÿunus, saña hakykat bu durur buÿurdygy,
Göz bile gördügiñe dönüp bakma ÿazykdyr.

---

[1] Ÿazygy-muzdy - söÿdügi-söÿmedigi.

Tapdym ol jananymy

äşgäre kyldym bu gün pynhanymy,
Jan beribän tapdym ol jananymy.

Jan köñül haÿran galypdyr magşuga,
Magşuk bile sürerin döwranymy.

Dert gerekdir, dert gerekdir, dert gerek,
Kim gerek derde berem dermanymy.

Bimekan men, onuñ üçin dünÿäde
Hiç kimse bilmez meniñ mekanymy.

Ony tapdym-u näderem başgaÿy,
Talaña berdim bu gün dükanymy.

Top meniñ, çewgany aldym, çalaryn,
Kim ala bu topdan jewganymy.

Ÿer meniñdir, gök meniñdir, arş meniñ,
Gör, neneñsi germişem saÿwanymy.

Ÿunus oldy ise, adym ne ajap,
Okuÿalar depder-u diwanymy.

Ýüzüni ak ede bir söz

Sözi manyly kişiniň,
Ýüzüni ak ede bir söz.
Sözi bişirip diýeniň,
Işini sag ede bir söz.

Söz ola - kese söweşi,
Söz ola - bitire başy.
Söz ola - awuly aşy
Bal bile ýag ede bir söz.

Manyly sözi bişirgil,
Ýaramazyny çaşyrgyl,
Sözüň akylly düşürgil,
Diýmegil, çag ede bir söz.

Gel, ahy, eý, şähriýary,
Sözümizi diňle, bäri,
Müň bir göwher-u dinary,
Gara toprak ede bir söz.

Kişi biler söz demini,
Diýmäge sözüň kemini,
Bu jahan jähennemini,
Sekiz uçmah ede bir söz.

Ýöri, ýöri ýoluň bile,
Gapyl olma biliň bile,
Keý sakyn keý diliň bile,
Janyňy dag ede bir söz.

Ýunus, imdi söz ýolundan,
Söýle sözi asylyndan,
Keý sakyn o şeýh ýanyndan,
Seni yrak ede bir söz.

Hereketim gyş meniñ

Ýoÿ, mańa derwüş diÿen, näm ola-derwüş menem,
Derwüşlik ÿaÿlasynda hereketim gyş meniñ.

Derwüş adyn edindim, derwüş donun dolandym,
Ýola bakdym utandym, bar işim ÿalñyş meniñ.

Hyrkam, täjim gözlärin, ÿalñyş işler işlärin,
Her ÿanymda gizlärin, müñdir ÿalñyş iş meniñ.

Ýoldan habar sorarlar, aÿdaryn, ynanarlar,
Kalbym sapdyr synarlar, waÿ, ne duşwar iş meniñ.

Içerime bakarsyñ, ÿarym pulluk bir zat ÿok,
Daşymyñ gowgasyndan älemler dolmuş meniñ.

Ýunus aÿdar, ÿaranlar, eÿ, gerçegim erenler,
Bu ÿolda olan hallar Allaga galmyş meniñ.

Güldüm ise ne oldy

Istär idini Allahy, tapdym ise ne oldy,
Aglar idim dün-u gün, güldüm ise ne oldy.

Erenler meÿdanynda togarlanan top idim,
Patyşa jewganynda galdym ise ne oldy.

Erenler söhbetinde deste gyzyl gül idim,
Açyldym ele geldim, soldum ise ne oldy.

Alymlar, müderrisler medresede tapdylar,
Men harabat içinde tapdym ise ne oldy.

Eşit Ÿunusy eşit, ol ÿene däli olmuş,
Erenler manysyna çümdük ise ne oldy.

Unutdyñ kyÿamaty

Niçe bir besleÿesin bu kaddyñy-kamaty,
Düşdüñ dünÿä zowkuna, unutdyñ kyÿamaty.

Toprakdan ÿaradyldyñ, ÿene toprakdyr ÿeriñ,
Toprak olan kişiler näder bu alamaty.

Akyl degil, dälidir beÿik saraÿlar guran,
Akybet weÿran olur jümläniñ ymaraty.

Dürüs gazan, iÿ, iÿdir, bir köñüle girewer,
¥üz käbeden ÿegräkdir bir köñül zyÿaraty.

Keramatym bar diÿen, halka hileler satan,
Nebsin musulman etsin, bar bolsa keramaty.

Nebsin musulman eden, Hak ÿola dogry giden,
Ertir oña oluşar Muhammet şepagaty.

¥üz müñ pygamber gele, hiç şepagat olmaÿa,
Waÿ, eger olmaz ise Allanyñ inaÿeti.

¥unus, imdi sen dahy gerçeklerden olagör,
Gerçek erenler imiş jümläniñ zyÿaraty.

Bir garyp newaz bile

Uly diwan gurula, anda gulluk sorula,
Müñ tekepbir bermeÿe bir garyp newaz bile.

Egriler egri bile, dogrular dogry bile,
Ÿalan ÿalany söÿer, gammazlar gammaz bile.

Kimi dukana bakar, kimi hoşluklar söÿer,
Kimi bir pula mätäç, kimisi janbaz bile.

Gula nesip etdigin soltan elden alamaz,
Zülkarneÿn neÿledi ÿa Hyzyr-u Ylÿas bile.

Görmezmisiñ Edhemi-tagtyny terk eÿledi,
Hak ÿanynda has oldy, bir esgi dony bile.

Bu dünÿäÿe ynanma, dünÿäÿi menim sanma,
Niçeler menim diÿşim, giderler bir biÿz bile.

Yşk ÿagmyry damjasy köñül gögünden damar,
Söÿgi ÿeli göterer ÿagmyry aÿaz bile.

Ÿunus, imdi gam iÿme, nädem, ne kylam diÿme,
Geler kişi başyna ezelde ne ÿazyla.

Söÿle, bilbiljigim, söÿle

Ÿene ÿaz günleri geldi,
Söÿle, bilbilim, söÿle.
ähli çiçekler bezendi,
Söÿle, bilbiljigim, söÿle.

Gyş çykyjak, geldi bahar,
Janyñy gaflatdan oÿar,
Jennete döndi her diÿar,
Söÿle, bilbiljigim, söÿle.

Ÿaşyl don geÿdi agaçlar,
Perwaz urup uçar guşlar,
Nepesiñ janlar bagyşlar,
Söÿle, bilbiljigim söÿle.

Yşk bile eÿlegil joşy,
Gider köñlünden teşwişi,
Çykyban gülzara garşy
Söÿle, bilbiljigim, söÿle.

Gury tikende gül biter,
Hesretinden kine ÿiter,
Dertlimisiñ menden beter,
Söÿle, bilbiljigim. söÿle.

O bilbil aşykdyr güle,
Aşygyñ halyn kim bile,
Güle garşy hoş yşk bile,
Söÿle, bilbiljigim söÿle.

Gudrat gaznasy açyldy,
äleme rehmet seçildi,
Hülle donlary biçildi,
Söÿle, bilbiljigim, söÿle.

Ganatyñ açabilirsiñ,
Açyban uçabilirsiñ,
Derÿalar geçebilirsiñ,
Söÿle, bilbiljigim söÿle.

Öÿjükden balañ aldylar,
Seni diwana kyldylar,
Zamana beÿle diÿdiler,
Söÿle, bilbiljigim, söÿle.

Geçdi, wah, ömrümiñ bary,
Goÿa gidersiñ gülzary,
Ÿunusyñ söÿgüli ÿary,
Söÿle, bilbiljigim, söÿle.

Wah, janym, duÿamaz

Niçeler bu dünÿäde günähini ÿuwamaz,
Ömri geçer ÿok ÿere, eÿ wah, janym, duÿamaz.

Bir nije kişileriñ gaflat gözün baglamyş,
Hak ÿoluna diÿr iseñ, bir pişmejik beremez.

Bu dünÿä bir gelindir, ÿaşyl-gyzyl bezenmiş,
Kişi ÿene geline bakybany doÿamaz.

Eÿ, nije arslanlary alyr-äkider ölüm,
Ezraÿyl penjesine bir ÿoksulça dözemez.

Bar, indi, misgin Ÿunus, urÿan olup gir ÿola,
Ÿüz garakçy gelirse, ÿalañajy soÿamaz.

Şol bir garynja imiş

Erenleriñ ÿollary inçeden inçe imiş,
Süleÿmana ÿol kesen şol bir garynja imiş.

Ol garynja söÿledi, Süleÿmana ÿol diÿdi,
Ol garynja söÿledigi jogap alynça imiş.

Kim kimsäniñ götermedi malyny,
Mal göterdim diÿenler eli ÿetinçä imiş.

Kim kime ne diÿr ise, eger haÿyr-u, eger şer,
Alla berer jezasyn, gelen ÿol inçe imiş.

Köñlüm mana aÿdardy, seni söÿerim diÿrdi,
Köñlüm meni söÿdügi dosta ÿetinçä imiş.

Köñlüm aÿdar, baraÿyn, mana ÿene döneÿin,
Köñlüm uÿdugy mana dosty tapynça imiş.

Ÿaranlarym aÿdarlar: aşyk melamat gerek,
Geldi meniñ başyma, ol söz ÿerinçä imiş.

Yşkyñ göz ÿaşlary dün-gün döküler, durmaz,
Aşyk gan agladygy magşuk sorynça imiş.

Dört kitabyñ manysyn okadym, äşgär kyldym,
Yşka gelijek gördüm, bir uly kelam imiş.

Men derwüşem diÿenler, haramy iÿmeÿenler,
Haram iÿilmedigi ele girinçä imiş.

Aÿdyrlar: pylan öldi, mülk bile maly galdy,
Ol malyñ çüÿremesi ysy ölünçä imiş.

Iki kişi söÿleşir: Ÿunusy görsem diÿe,
Biri aÿdar: men gördüm, bir aşyk goja imiş.

Ah, nädeÿin ömrüm seni

Ÿok ÿere geçirdim ömri, ah, nädeÿin, ömrüm seni,
Seniñle olmadym gany, ah, nädeÿin, ömrüm seni.

Geldim-u geçdim, bilmedim, aglaÿyp gussa iÿmedim,
Senden aÿrylam, diÿmedim, ah, nädeÿin, ömrüm seni.

Seni maña ÿar saÿardym, saña wepadar saÿardym,
Agÿar imişsiñ, bilmedim, ah, nädeÿin, ömrüm seni.

Hany saña ynandygym, söÿünibän, gözledigim,
Gazandygym bary galar, ah, nädeÿin, ömrüm seni.

Gidip ÿene gelmersiñ sen, gelip meni tapmarsyñ sen,
Bu begligi sürmersiñ sen, ah, nädeÿin, ömrüm seni.

Çün meni goÿup gidesiñ, baryp gabyra giresiñ,
Anda gelip söÿleÿesin, ah, nädeÿin, ömrüm seni.

Haÿryñ şeriñ ÿazgyly señ, ömrüñ ÿüpi üzüler señ,
Surat menden bozularsyñ, ah, nädeÿin, ömrüm seni.

Misgin Ÿunus gidersiñ sen, nirä sapar edersiñ sen,
Hesret bile galarsyñ sen, ah, nädeÿin, ömrüm seni.

Ylla gül eÿlär

Ança zar eÿlär kim şol bilbil eÿlär,
Any ol eÿlemez, ylla gül eÿlär.

Haçan gülde görür dostuñ jemalyn,
Çagyryr kim meni, däli şol eÿlär.

Ne görür gülde ÿa, biçäre bilbil,
Ki gülüstana garşy gül-gül eÿlär.

Ne gördi Leÿlanyñ ÿüzünde Mejnun,
Akydyp göz ÿaşyn, ab-u sil eÿlär.

Ne göründi şu Perhadyñ gözüne,
Gaÿalar kesibän dosta ÿol eÿlär.

Ne göründi şa Ybraÿym gözüne,
Täjini, tagtyny tar-u mar eÿlär.

Kimin kapyr edip, kimin musulman,
Any kimse etmez, ylla ol eÿlär.

Kimine dert berer, asla iñletmez,
Kimniñ dünÿäde derdin boş eÿlär.

Kimi baÿdyr, kimi ÿoksul, diÿme kim,
Eger baÿdyr, eger ÿoksul ol eÿlär.

Kimine bir aba bermez kim geÿe,
Kiminiñ atyna atlaz jul eÿlär.

Kimini dünÿäde haÿwan ÿaradyr,
Kimini özüne muhlys gul eÿlär.

Kimiñ elin alyr, Arşa çykaryr,
Kimin ÿere çalar, gara kül eÿlär.

Biçäre Ÿunusyñ altyn sözüni,
Jahyla söÿlemen, gyzyl pul eÿlär.

Andan içe şeÿh-u paky

Doldur kadeh, sungul bize, yşk şerabyndan, eÿ, saky,
Ol badadan gerek bize, andan içe şeÿh-u paky.

Söhbetimiz ylahydyr, sözümiz köwser abydyr,
Şahymyz şahlar şahydyr, sazymyzdyr dost pyragy.

Kim ki bir dem söhbet ola, müfti-müderris mat ola,
Bir yllahy döwlet ola, andan içen oldy baky.

Hyrka, tahÿa ÿol görkezmez, geÿim bilen alym olmaz,
Din-diÿanat olmaÿynça, neÿlärsiñ bunça waraky.

¥edi okydyñ Kurany, tagat görkezersiñ safy,
Çünki amal eÿlemediñ, gerekse, bar, ÿüz müñ oky.

Bir gez haja bardyñ ise, müñ gez gaza kyldyñ ise,
Bir gez köñül ÿykdyñ ise, gerekse ÿüz ÿyl ÿol söki.

Köñülmi ÿeg, Käbämi ÿeg, aÿyt maña, akly ÿeten,
Köñül ÿegdir, çünki o Hak köñülde tutar otagy.

Goñşy bile goñşylary söÿüñ diÿdi Hak resuly,
Magraç gijesi dost ile bu kelime oldy dahy.

¥unus, seniñ işiñ budur, tutgul ululär etegin,
Dilärseñ päk olasyñ sen köñüllerde olgyl baky.

Otlamaga gelmişdir

Misgin Adam oglany nebse zebun olmuşdyr,
Haÿwan janawer kibi, otlamaga gelmişdir.

Hergiz ölümin sanmaz, ölesi güni añmaz,
Bu dünÿäden bezikmez, gaflat ÿadyn almyşdyr.

Oglanlar öwüt almaz, ÿigitler toba kylmaz,
Gojalar tagat kylmaz, sarp ruzygär olmuşdyr.

Begler azdy ÿolundan, bilmez ÿoksul halyndan,
Çykdy rehmet köñlünden, nebs kölüne çümmüşdir.

Ÿunus, sözi alymdan, zynhar olma zalymdan,
Gorkadurun ölümden, jümle dogan ölmüşdir.

Ne nebsimiz içindeÿiz

Hiç bir kişi bilmez bizi, biz ne işiñ içindeÿiz,
Ne hyrsymyz bardyr biziñ, ne nebsimiz içindeÿiz.

Bir kimsäniñ döwletine tañ edibän biz gülmeÿiz,
Ne müñküriz alymlara, ne tersanyñ haçyndaÿyz.

Biz munuñ neligin bildik, dünÿäniñ nesine galdyk,
Arzuwmyz nebs üçin degil, dünÿä teperrüjindeÿiz.

Ÿunus aÿdyr, heÿ, soltanym, özge şahym bardyr meniñ,
Goÿ, dünÿä altyn-kümüşin, ne misde, bürünjideÿiz.

Gussa we gamdan boş ÿöri

Ÿort, eÿ, köñül, sen bir zaman, asuda, paryg, hoş ÿöri,
Gorkma, hiç dönme kimseden, gussa we gamdan boş ÿöri.

Hakykata bakar iseñ, nebsiñ saña duşman bolar,
Bar, indi ol nebsiñ bile uruş, söweş, döwüş ÿöri.

Nebsdir äri ÿolda goÿan, ÿolda galar nebse uÿan,
Ne işiñ bar kimse ile, nebsiñe kaky boş ÿöri.

Ister iseñ bu dünÿäde, ebedi serhoş olasyñ,
Yşk badasyn doly getir, on iki aÿ serhoş ÿöri.

Dilär iseñ bu dünÿäniñ şerinden olasyñ emin,
Terk eÿle bu kibr-u kini, hyrkaÿa gir, derwüş ÿöri.

Özgäñ bagyna girmegil, özgäñ gülüni tirmegil,
Bar kendi magşugyñ ile, bakjada gol alyş ÿöri.

Köñüllerde ys olmagyl, söhbetlerde çig olmagyl,
Çig bir zadyñ ne dady bar, gel, yşk oduna biş ÿöri.

Ÿunus, imdi hoş söÿlärsiñ, diñleÿene şerh eÿlärsiñ,
Halka nesihat satynça, är ol, ÿola ÿüwür, ÿöri.

Wallah, nazarym ÿok durur

Sensiñ meniñ janym jany, sensiz kararym ÿok durur,
Uçmahda sen olmaz, iseñ, wallah, nazarym ÿok durur.

Baksam seni görür gözüm, söÿlär isem sensiñ sözüm,
Seni gözetmekden dahy ÿegräk şikarym ÿok durur.

Söÿlär isem dilimdesiñ, gör dek dursam köñlümdesiñ,
Köñlüm gözi seni söÿer, aÿry nigärim ÿok durur.

Çün meni sen unutmuşsyñ, şeÿle ki saña gitmişem,
Ne kalda, ne halda isem, bir dem kararym ÿok durur.

Eger meni Jirjis kibi ÿetmiş gez öldürir iseñ,
Dönem yza, saña baram, çün meniñ arym ÿok durur.

Seni gördüm güneş kibi, jennet maña zyndan kibi,
Jennetiñi zahyda goÿ, uçmahda arzym ÿok durur.

¥unus, dahy aşyk saña, görkez didaryñy ana,
¥arym dahy sensiñ meniñ, aÿry didarym ÿok durur

Ýansa gerek, mundan beýlä

Dost köňlüme talaň saldy, nätse gerek, mundan beýlä,
Derdi berendir janyma, ýansa gerek, mundan beýlä.

Derdiň ile janym ýanar, ömür geçer, döwran döner,
Gün geldikçe meňziň solar, solsa gerek, mundan beýlä.

Bu ne ajaýyp sergüzeş, çykardy bagrymyzda baş,
Gözlerimden gan ile ýaş aksa gerek, mundan beýlä.

Öwlüýädir Hakyň syry, alnyndaky Alla nury,
Any söýen ahy-zary kylsa gerek, mundan beýlä.

Sen hojasyň, men bir gulum, ebedi gullukda galam,
Bu sözümi jümle älem bilse gerek, mundan beýlä.

Pena saraýyndan göçüp, bakylyk saraýna geçip,
Yşkyň şerabyndan içip, gansa gerek mundan beýlä.

Görüňler ki Ýunus nätdi, baryban hezrete gitdi,
Katradyr ummana ýetdi, dolsa gerek, mundan beýlä.

Şol göz açyp-ÿummuş kibi

Geldi-geçdi ömrüm meniñ, şol ÿel ösüp geçmiş kibi,
Häli mana şeÿle geler, şol göz açyp-ÿummuş kibi.

Işbu söze Hak tanykdyr, bu jan göwreÿe gonukdyr,
Bir gün çyka-gide kapasdan, guş gaçyp uçmuş kibi.

Bu dünÿäde bir nesneÿe ÿanar içim, köÿer özüm,
Ÿigitlikde ölenlere - gök ekini kesmiş kibi.

Bir hassaÿa bardyk ise, bir içim suw berdiñ ise,
Ertir anda garşy gele, Hak şerabyn içmiş kibi.

Bu misgini gördüñ ise, bir esgije berdiñ ise,
Ertir anda saña gele, Hak şerabyn içmiş kibi.

Ÿunus Emre bu dünÿäde iki kişi galar diÿrler,
Meger, Hyzyr, Ylÿas, oda ab-i haÿÿat içmiş kibi.

Bu söz kandan geler

Eÿ, sözleriñ aslyn bilen,
Gel, diÿ, bu söz kandan geler.
Söz aslyny añlamaÿan
Sanyr, bu söz menden geler.

Söz bar, kylyr, köñüli şat,
Söz bar, kylyr dostuñy ÿat,
Eger horluk, eger yzzat,
Her kişiÿe sözden geler.

Söz garadan, akdan degil,
Ÿazyp, okamakdan degil,
Bu ÿöreÿän halkdan degil,
Halyk owazyndan geler.

Ne elif okydym, ne jim,
Ne barlykdandyr sözlerim,
Bilmeÿe ÿüz müñ münejjim,
Talyk ne ÿyldyzdan geler.

Şugla bize Aÿdan degil,
Yşk äri bu soÿdan degil,
Ryzkymyz bu öÿden degil,
Derÿa-ÿy ummandan geler.

Owal köñül bilgide Hak,
Ÿazmyş idi çün bir warak,
Bu şimdi okylan sapak,
Ezel-i azadan geler.

Ÿunus, bu dert bile ah et,
Gahr öÿünde neÿlär rahat,
Bu derde derman kefarat,
Ah bile köÿmekden geler.

Oÿnaÿyban utduñ tut

Sen bu jahan mülküni Kapdan Kapa tutdum tut,
Ÿa bu älem malyny oÿnaÿyban utduñ tut.

Sen Süleÿman köşgünde tagt gurup oturdyñ bil,
Döw-ü periÿe düp-düz hökümler eÿlediñ tut.

Sen Feridun gaznasyn Nowşirwan genji bile,
Karun malyny dahy sen malyña gatdyñ tut.

Bu dünÿä bir lukmadyr, agyzdadyr, çeÿnenmiş,
Çeÿnenmişi ne tutmak ha, sen any ÿuwutdyñ tut.

Ömrüñ ÿene bir okdur, ÿaÿ içinde dop-doly,
Dolmuş oky ne tutmak ha, sen any tiz atdyñ tut.

Işbu jahan mülkünden añsyzja üÿn ederler,
Añsyzlygy şimdi bil, häzirlenip gitdiñ tut.

Çün deñize gark olduñ, bogazyña geldi suw,
Däli kibi çyrpynma, eÿ biçäre batdyñ tut.

Hergäh ki nepes geler, ol kisäñden egsiler,
Çün kise ortalandy, sen any tüketdiñ tut.

Işbu ajal şerbetini, elbet, dadar iseñ,
Dadyşyña şek ÿokdur, şimdi any datdyñ tut.

Ahyr bir gün ölürsiñ, ölüm bardyr, bilirsiñ,
Hemmelerden aÿrylyp, baryp gabrda ÿatdyñ tut.

Ÿüz ÿyllar hoşlugyla ömrüñ olursa Ÿunus,
Soñunda bir nepesidir, geç andan-da ötdüñ tut.

Ol-da güman oluşar

Eşidiñ, heÿ, ululer, ahyrzaman oluşar,
Sag musluman seÿrekdir, ol-da güman oluşar.

Danyşment okany bilmez, derwüş ÿolun gözetmez,
Bu halk öwüt eşitmez, ol ker heman oluşar.

Gitdi begler hormaty, münmüşler birer aty,
Iÿdigi ÿoksul eti, içdigi gan oluşar.

Ÿagny, är köpeldi ärden, elin çekmez murdardan,
Dejjal çykjak ÿerden, onlar ukuly olyşar.

Bir-birne, ÿany-ÿana, etdigim galar sanar,
Ertir magşar gününde jümle aÿan olyşar.

Eÿ, Ÿunus, imdi seniñ yşk bile geçsin günüñ,
Söÿdügiñ kişi seniñ janyña jan olyşar.

O senden aÿry bolmaz

Hak jahanda doludyr, kimseler Haky bilmez,
Ony sen senden iste, o senden aÿry olmaz.

Dünÿäÿe ynanarsyñ, ryska meniñki diÿrsiñ,
Neçün ÿalan söÿlärsiñ, çün señ diÿdigiñ olmaz.

Ahret ÿoly yrakdyr, dogrulyk heÿ, ÿaragdyr,
Aÿralyk sarp pyrakdyr, baran hiç yza gelmez.

Dünÿäÿe gelen-geçen, bir-bir şerbetin içer,
Bu bir köprüdür, geçer, jahyllar ony bilmez.

Geliñ tanyş bolalyñ, işi ÿeñil kylalyñ,
Söÿeliñ, söÿüleliñ, dünÿä hiç kime galmaz.

Ÿunus sözün añlarsyñ, manysyny diñlärsiñ,
Saña dirilik gerek, munda kimsene galmaz.

Biz kime aşyk isek, älemler oña aşyk,
Kime degil diÿelim, bir gapydyr, bir ÿoldur.

Biz neÿi söÿer isek, magşugam ony söÿer,
Dosdumyzyñ dosduna ÿat endişe ne laÿyk.

Sen gerçek aşyk iseñ, dosduñ dosduna dost ol,
Bu halda galyr iseñ, dosda degil ÿaraşyk.

.....
.....

Ýetmiş iki millete gurban ol aşyk iseň,
Tä aşyklar sapynda tamam olasyň sadyk.

Sen Haka aşyk iseň, Hak saňa gapy açar,
Goÿ, özüňe begenji, barlyk öÿüni bir ÿyk.

Has-u aam, muti-asy, dost guludyr jümlesi,
Kim kaÿdy bilesin, gel, öÿünden daşa çyk.

Gul patyşasyz olmaz, patyşa gulsuz degil,
PAtyşahy kim bileÿ, gul etmese baş egik.

Soltan hemişe soltan, gul hemişe gul idi,
Ol gadym paşa idi, tertip içinde tertip.

Ýunusyň bu danyşy genji-nahan sözlüdir,
Dosta aşyk olanlar iki jahandan paryg.

Bu kyldygyñ namaz degil

Bir gez köñül ÿykdyn ise,
Bu kyldygyñ namaz degil,
Ÿetmiş iki millet dahy,
Elin-ÿüzün ÿuwmaz degil.

Erenler gelip-geçdiler,
Dünÿäÿi goÿup göçdüler,
Howaÿa çykyp uçdular,
Bular humaÿdyr, gaz degil.

Jan oldur kim Haka ÿete,
Aÿak oldur ÿola gire,
Är oldur ki zelil, dura,
Ÿokardan bakan göz degil.

.....
.....
.....
.....

Dogry ÿola gitdiñ ise,
är etegil tutduk ise,
Bir haÿyr-da etdiñ ise,
Birine mündir, az degil.

Ÿunus bu sözleri çatar,
San ki baly ÿaga gatar,
Halka mataglary satar,
Ÿüki göwherdir duz degil.

Ýeni halat geÿdi jahan.

Ýene bu bady-bahar hoş owaz ile ösdi ÿene,
Ýene ÿeni hazynadan jahan halat geÿdi ÿene.

Ýene rehmetdir bi kyÿas, ÿene eşret oldy demsaz,
Ýene geldi bu ÿeni ÿaz, gutly gadam basdy ÿene.

Ýene ÿeni hazynadan ÿeni halat geÿdi jahan,
Ýene berildi ÿeni jan, ot-u şejer ösdi ÿene.

Ölmüş idi ot-u şejer, dirildiler-u bitdiler,
Muşterige bu paÿ ÿeter, bar eÿledi nesli ÿene.

Ýene säher guşlar zary, akar esrik suwlary,
Jahanlara saçdy nisar, jümle-älem dosty ÿene.

Ýene görüñ, gök beslenip, dony gat-gat reñke batyp,
Bilbil güle garşy durup, jan pudagyn asdy ÿene.

Sözüm ÿaz-u gyş çün degil, wallah, bu düÿş üçin degil,
Aşyklaryñ badasyndan Ýunus şerap susdy ÿene.

Bakyp görinçä bunlary

Saña ibret gerek ise, gel, göre ger gabyrlary,
Gör daş iseň, eriÿesiň, bakyp görinçä bunlary.

Şunlar ki: çohdur mallary, gör, nije oldy hallary,
Soňunda bir köÿnek geÿmiş, onuň-da ÿokdur ÿeňleri.

Hany mülke meniň diÿen, köşk-saraÿa begenmeÿen,
Şimdi bir öÿde ÿatarlar, daşlar olmuş üstünleri.

Bunlar öÿe girmeÿeler, ähd-u tagat kylmaÿalar,
Bu begligi tapmaÿalar, çünki geçdi döwranlary.

Hany ol şirin sözlüler, hany, ol güneş ÿüzlüler,
Şeÿle haÿyp olmyş bunlar, hiç görünmez nyşanlary.

Bunlar bir wagt begler idi, gapyçylar gorar idi,
Gel, şimdi gör, bilmeÿesiň, beg haÿsydyr, kim gullary.

Ne gapy bardyr giresi, ne ÿemek bardyr iÿesi,
Ne yşyk bardyr göresi, tüm olmuşdyr gündizleri.

Bir gün seniň dahy Ÿunus, meňki diÿdikleriň gala,
Seni dahy beÿle ede, beÿle etdi öňküleri.

Eÿ, ÿaranlar, eÿ gardaşlar, ajal ÿete, ÿelem bir gün,
Işlerime puşman etdim, öz-özüme gelem bir gün.

Ÿanlaryma gona elim, söz söÿlemez ola dilim,
Garşyma gele amalym, nätdim ise görem bir gün.

Oglan gider danyşmana, çagyrar dosty-duşmany,
Şol dört tekbir namaz ile ömrüm tamam kylam bir gün.

Bäş garyş biz durur donum, ÿylan-içÿan iÿe tenim,
Ÿyl geçe oprula gabrym, unutylyp galam bir gün.

Başyma dikeler heje, ne erte bilem, ne gije,
älemler umydy Hoja, saña perman olam bir gün.

Ÿunus Emre sen bu sözi dahy tamam etmemişsiň,
Neÿläÿin, ÿalňyz ÿöräÿin, ussadyma gelem bir gün.

Dost diÿe-diÿe

Düşdi öñme hupbul Watan, gidem, heÿ, dost diÿe-diÿe,
Anda baran galar heman, galam, heÿ, dost diÿe-diÿe.

Gele, şol Ezraÿyl tuta, yssy kylmaz ene-ata,
Münem şol agaçdan ata, gidem, heÿ, dost diÿe-diÿe.

Halwatlarda meşgul olam, daÿym açylam, gül olam,
Dost bagynda bilbil olam, saÿram, heÿ, dost diÿe-diÿe.

Şol bir bäş-on garyş bizi kepen edeler egnime,
Dökem şol dünÿä donlaryn, geÿem, heÿ, dost diÿe-diÿe.

Mejnun oluban ÿörüÿem, beÿik daglary bürüÿem,
Şem olubany eriÿem, ÿanam, heÿ, dost diÿe-diÿe.

Günler geçe, ÿyllar döne, üstüme gabrym oprula,
Ten çüÿrüÿe, toprak ola, tozam, heÿ, dost diÿe-diÿe.

¥unus Emre, bar ÿoluña, müñkürler girmez ÿoluña,
Deñizçi olup dost köñle çümem, heÿ, dost diÿe-diÿe.

Haram gymmatly boldy

Musulmanlar! Zamana ÿamanly boldy,
Halal iÿilmez, haram gymmatly boldy.

Okylan Kurana gulak tutulmaz,
Şeÿtanlar semredi, kuwwatly boldy.

Haram bile şerap tutdy jahany,
Pisat işler eden hormatly boldy.

Kime ki Tañrydan habar berirseñ,
Kakyr, başyn salar, delilli boldy.

Şägirt ussat ile gowgalar kylar,
Ogul ata ile yzzatly boldy.

Pakyrlar misginlikden çekdi elin,
Köñüller ÿykyban haÿbatly boldy.

Pygamber ÿerine geçen hojalar,
Bu halkyñ başyna mähnetli boldy.

Tutulmaz oldy Pygamber hadysy,
Halaÿyk jem Hakdan uÿatly boldy.

Ÿunus, gel, aşyk iseñ, toba eÿle,
Toba eÿläniñ soñy gutly boldy.

Alla nalyş

Ýa, ylahy, ger sowal etseñ maña,
Bu durur anda jowabym uş saña.

Men aña zulm eÿledim, etdim günäh,
Neÿledim, nätdim, saña, eÿ, patyşah.

Gelmediñ emrime diÿdiñ, kem diÿe,
Dogmadyñ diÿdiñ, asy dam diÿe.

Sen ozalda meni asy ÿazasyñ,
Doldurasyñ äleme owazasyn.

Ne dilärseñ, men hakymda işlediñ,
Her ÿana ÿönelirsem, sen ÿöneltdiñ.

Menmi düzdüm meni, sen düzdüñ meni,
Pür aÿyp neçün ÿaratdyñ, ÿa, gany.

Gözüm açyp gördügim zyndan içi,
Nebs-ü howa pür doly şeÿtan içi.

Pislik içinde ölmeÿin diÿe aç,
Mismil-u murdar iÿdim bir-iki kaç.

Zadyñ egsildimi mülküñden seniñ,
Ýa sözüm geçdimi hökmüñden seniñ.

Ryzkyñ alyp, seni mätäçmi goÿdum,
Ýa öÿ naharyñ iÿip açmy goÿdum.

Gyl kibi köpri gurarsyñ geç diÿe,
Geçibän köwser şerabyn iç diÿe.

Gyl kibi syratdan Adammy geçer,
¥a üzüler, ÿa ol taÿar, ÿa uçar.

¥ene fazlyñdyr guluñy geçiren
Geçibän köwser şerabyn içiren.

Gullaryñ köpri gurarlar haÿr üçin,
Haÿry oldur kim, geçerler seÿr üçin.

Pes gerek kim anda mäkäm ola ol,
Kim görenler diÿeler uş dogry ÿol.

Terezi gurduñ günähim çekmäge,
Isteÿersiñ meni oda atmaga.

Terezi ana gerek-bakgal ola,
¥a bezirgen, täjir-u attar ola.

Çün günäh murdarlaryñ murdarydyr,
Huzuryñda günäkerler garadyr.

Neçün murdarlary açyp tartasyn,
Sen gerek lütf bile any örtesin.

Şimdi diÿrsiñ, seni oda uraÿyn,
Şeri bir artarsa, şonda göreÿin.

Şeri azaltmak gerekdir, haÿry çoh,
Haÿry olmaÿanlar oldy anda ÿok.

Görürsiñ, gowy bilirsiñ halymy,
Ne hajat bar, tartasyñ agmalymy.

Ýa bagyşla, senden beýik ýokdur rabbim,
Sen tomaşa kylasyñ, men hoş ýanam.

Doýmadyñmy ar alyban - öldürip,
Çürüdip, gözüme toprak dolduryp.

Bir owuç topraga munça kyl-u kal,
Neçün gerek, eý, Kerim-u Züljelal.

Gara gyldan çünki agardy ak gyl,
Bu jahan söwdalaryn elden goýgyl.

Çün Ýunusdan gelmedi hergiz zyýan,
Aşygäre bilirsiñ bu syry sen.

Olmasyn bizden saña aýryk jowap,
Söz budur wallahy älemi sogap.



Galanlara salam bolsun

Biz dünÿäden gider bolduk,
Galanlara salam bolsun.
Biziñ üçin haÿyr doga,
Kylanlara salam bolsun.

Ajal büke bilimizi,
Söÿletmeÿe dilimizi,
Hassalykda halymyzy
Soranlara salam bolsun.

Munda ähli gelen gider,
Hergiz gelmez ÿola gider,
Biziñ halymyzdan habar
Soranlara salam bolsun.

Tenim ortaÿa açyla,
¥akasyz köÿnek biçile,
Bizi bir ary ÿüz bile
¥uwanlara salam bolsun.

Ezraÿyl alar janymyz,
Gurar damarda ganymyz,
Päkizeje kepenimiz
Saranlara salam bolsun.

Gider olduk dostumyza,
¥etmedik maksadymyza,
Namaz üçin üstümize,
Duranlara salam bolsun.

Sözdür söýlener araýa,
Kimse dözmez bu ýaraýa,
Eltip bizi gabrymyza
Goýanlara salam bolsun.

Aşyk oldur Haky söýe,
Hak derdine kyla doga,
Biziň üçin haýyr doga
Kylanlara salam bolsun.

Misgin Ýunus söýlär sözi,
Ganly ýaşa doldy gözi,
Bilmeýen ne bilsin bizi,
Bilenlere salam bolsun.



MAZMUNY

Gel, gör meni yşk neýledi 18
Maña sen gerek, ýalñyz sen 20
Şeýle garyp meniñ kibi 22
Teşneligim gandyrmaga 23
Mahrum etme didaryñdan 24
Jan içinde janmysyñ 25
Ardyma atan menem 26
Dükanym talañ bolsun 27
Ol hökmi soltanda idim 29
Ýeri-gögi tutan menem 30
Muhammet dogan gijesi 31
Şepagat-iman hany 32
Ýansyn, ýa resulullah 34
Bu derdime sebäp durur 35
Ylym özüñ bilmekdir 36
Iki ýüzde görmediler 37
Köñlünden süren gelsin 38
Ana gülegen olur 39
Göz ýaşlary çeşme olur 40
Suwlar kibi çaglarmysyñ 41
Yşk neýlesin seniñ bile 42
Mysaly daşa meñzär 43
Olupdyr yşk elinden 44
Başy görünmez 45
Ýetmeen aşykmydyr 46
Nazarym ýok durur 47
Ýandygym maña hoş geler 48
Hormatly bir zatdyr yşk 49
Ýüregime direndi 50
Maña wepadar olmady 51
Döwranym sürer ýörerin 52
Hyzyr kibi gezer oldum 53

Köñlüm karar kylmaz meniñ 54
Gözüm ÿaşy diñmez meniñ 55
Yşkdyr ÿoldaşym meniñ 56
Dünÿe bile isteÿe any 57
Dosta ÿalñyz ÿetmişler 58
Dawa gerekmez 58
Jümlesin beÿan eÿlärem 59
Şimdi gorkudan gutuldym 60
Soltan tutaram 61
Jan şükrana beri gelem 62
Şu ÿoldan urup geldim 63
Är etegin tutdum ahy 64
Gerçek äre ÿetmeÿinçä 65
Içdik alhamdülylla 66
Alana satmaga geldim 68
Anda gonuban göçdi 69
Senden ÿüzüm döndermezem 69
Zynhar eliñden goÿma 70
Eÿ, rehmeti çoh, Hudaÿym 70
Gel, dosta gideli, köñül 71
Bize güler bar 72
Ÿüzün göresim geler 73
Söÿgüsi bar aşykdyr 74
Tapdym ol jananymy 75
Ÿüzüni ak ede bir söz 76
Hereketim gyş meniñ 77
Güldüm ise ne oldy 78
Unutdyñ kyÿamaty 79
Bir garyp newaz bile 80
Söÿle, bilbiljigim, söÿle 81
Wah, janym, duÿamaz 83
Şol bir garynja imiş 84
Ah, nädeÿin ömrüm seni 85
Ylla gül eÿlär 86
Andan içe şeÿh-u paky 87

Otlamaga gelmişdir 88
Ne nebsimiz içindeÿiz 88
Gussa we gamdan boş ÿöri 89
Wallah, nazarym ÿok durur 90
¥ansa gerek, mundan beÿlä 91
Şol göz açyp-ÿummuş kibi 92
Bu söz kandan geler 93
Oÿnaÿyban utduñ tut 94
Ol-da güman oluşar 95
O senden aÿry bolmaz 96
Bu kyldygyñ namaz degil 98
¥eni halat geÿdi jahan. 99
Bakyp görinçä bunlary 100
Dost diÿe-diÿe 101
Haram gymmatly boldy 102
Alla nalyş 103
Galanlara salam bolsun 106